TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ MÄHRIBAN ENELERIMIZIŇ ÖSÜP GELÝÄN NESILLERIMIZDE MILLI BUÝSANJY, YNSANPERWERLIGIŇ BELENT NUSGALARYNY TERBIÝELEMEKDE BITIRÝÄN HYZMATYNA ÝOKARY BAHA BERÝÄRIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
10-njy mart, 2023. Belgisi 10/1524



# ASUDALYGYŇ HEM ROWAÇLYGYŇ ÝOLY BILEN

**7-nji martda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Onuň dowamynda harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň iki aýynda ýerine ýetiren işleriniň jemlerine garaldy.**

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew degişli döwürde alnyp barlan işler hem-de Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň Maksatnamasynyň durmuşa geçirilişiniň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ministrligiň garamagyndaky düzüm bölekleriniň işiniň döwrebap derejede guralmagynyň, goşunlaryň ähli kysymlarynyň iň täze tehniki serişdeler bilen enjamlaşdyrylmagynyň bu ugurda amala aşyrylýan özgertmeleriň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, serkerdeleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak, ýaş esgerleriň watançylyk ruhunda terbiýelemek, harby gullukçylaryň söweşjeň hem-de nazaryýet taýýarlygyna ähmiýet bermek we goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinadan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmegiň barşyna gözegçiligi üpjün etmek babatda degişli görkezmeler berildi.

Baş prokuror S.Mälikgulyýew gözegçilik edýän düzümlerinde şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri, milli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düzgünleriniň ýerine ýetirilişinde geçirilen barlaglar boýunça hasabat berdi. Şeýle hem ähli ulgamlarda kanunylygyň berk berjaý edilmegine gözegçilik etmek maksady bilen geçirilýän çäreler barada hasabat berildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, döwletimiziň prokuratura edaralarynyň üsti bilen kanunlaryň rüstemligini, hukuk tertibiniň üpjün edilmegini amala aşyrýandygyny belledi. Hormatly Prezidentimiz işde sanly ulgamyň mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak hem-de düzümiň işgärler üpjünçiligini pugtalandyrmak babatda Baş prokurora degişli tabşyryklary berdi.

Soňra içeri işler ministri M.Hydyrow 2023-nji ýylyň başyndan bäri bu düzümiň işini ösdürmek boýunça Maksatnamany ýerine ýetirmegiň çäklerinde geçirilen işleriň jemleri, garamagyndaky edaralarda öňdebaryjy tehnologiýalaryň ulanylyşy barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, hukuk bozulmalarynyň, paýtagtymyzyň we sebitleriň awtomobil ýollarynda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýangyndan goranmagyň kadalaryny berjaý etmek boýunça geçirilen çäreler barada hasabat berildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, bu düzümiň ýolbaşçysynyň kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmek boýunça geçirilýän işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagynyň möhümdigine ünsi çekdi. Ähli düzüm bölekleriniň işinde häzirki zaman usullarynyň peýdalanylmagy zerurdyr diýip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy yzygiderli esasda ilatyň arasynda ýol hereketiniň we ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleri barada düşündiriş işlerini geçirmegi tabşyrdy.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan şu ýylyň iki aýynda geçirilen işleriň jemleri, garamagyndaky edaralarda sanly ulgamy ornaşdyrmagyň barşy, milli kazyýet ulgamynyň işini kämilleşdirmek hem-de işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça geçirilýän çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, kazyýet ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek, bu düzümiň işini döwrüň talaplaryny we öňdebaryjy iş tejribäni hasaba almak esasynda guramak meselelerine ünsi çekdi. Ýokary kazyýetiň ýolbaşçysyna degişli maksatnamanyň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmek boýunça birnäçe anyk tabşyryklar berildi.

Soňra milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew garalýan döwürde ýurdumyzda amatly jemgyýetçilik ýagdaýynyň üpjün edilişi, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy tarapyndan ozal berlen tabşyryklaryň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi. Gözegçilik edýän düzüm böleklerinde häzirki zaman tehniki serişdelerinden peýdalanmak hem-de işgärleri taýýarlamak meseleleri hasabatda beýan edilen aýratyn ugurlar boldy. ■ 2

# Mähribanlygyň we gözelligiň baýramy

**8-nji martda ýurdumyzda giňden bellenilýän Halkara zenanlar güni mynasybetli Söwda-senagat edarasynyň mejlisler zalynda «Arkadag Serdarly bagtyýar zenanlar» atly baýramçylyk dabarasy geçirildi.**





Baýramçylyk dabarasyna ýurdumyzyň dürli ministrlikleriniň we edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar. Hormatly myhmanlaryň hatarynda köp çagaly eneler, zähmet weteranlary, önümçiligiň öňdebaryjylary we jemgyýetçilik guramalarynyň işjeň agzalary, alymlar, medeniýet işgärleri, dürli pudaklaryň zähmetkeşleri bar. Şeýle hem dabara Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň we halkara düzümleriň zenan işgärleri gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň enelerine we ähli gelin-gyzlaryna iberen baýramçylyk Gutlagynda: «Biz mähriban enelerimiziň ösüp gelýän nesillerimizde milli buýsanjy, ynsanperwerligiň belent nusgalaryny terbiýelemekde bitirýän hyzmatyna ýokary baha berýäris. Maddy we ruhy gymmatlyklarymyzy, nesilden-nesle geçip gelýän belent ynsanperwer däplerimizi dowam etdirmek bilen, zenanlarymyzyň döwlet, häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda, ylym, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş ulgamlarynda giňden ýaýbaňlandyrýan özgertmelerimiziň durmuşa geçirilmegi ugrunda yhlasly we netijeli zähmetlerine çäksiz buýsanýarys» diýlip nygtalýar.

### GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ TÄZE AÝDYMY

Baýramçylyk dabarasynda Halkara zenanlar güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglar we iň gowy arzuwlar beýan edildi. Ene mähribanlygy, aladasy, ruhy jomartlygy üçin çuňňur hoşallyk sözleri aýdyldy.

Bu gezekki dabarada Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň ýaşlaryny belent maksatlara ruhlandyrýan «Ýaşlara gutlag» atly täze aýdymy ýaňlandy. Ol ýurdumyzyň bagtyýar ýaşlaryna bagyşlanan döredijilik sowgadydyr.

Her bir adamyň durmuşynyň iň bagtly pursatlaryna bagyşlanan täze aýdym atanyň iň gowy arzuwlarynyň we durmuşyň nurana ýoluna ak patasynyň beýanyna öwrüldi. Türkmen halkynyň aýratyn gadyr goýýan ruhy-ahlak gymmatlyklary asyrlaryň dowamynda Watanyň geljegi hasaplanýan ýaş nesilleriň terbiýesini, maşgala mukaddesliginiň berkidilmegini we ahlak gymmatlyklarynyň saklanylmagyny esasy ugur edinýär. ■ 2



## Bagtyýarlyk döwrümiziň döwrebap şäheri

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň çäginde merdana ata-babalarymyzyň şöhrata beslän mukaddes taryhy topragynda gurulýan Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň – Arkadag şäheriň binagärlik keşbinde Watanymyzyň durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösüşi, ýaşaýyş-durmuş üpjünçiliginiň guralyşynda milli mirasymyz, ruhy gymmatlyklarymyz, halkymyzyň köpasyrlyk baý taryhy we medeni däpleri öz beýanyny tapýar.

Köpetdagy etekläp oturan ajaýyp mekanda döwrebap Arkadag şäheriniň döreýşine gözli şaýat bolduk. Ine, ýakyn wagtdan bu «akylly» şäheriň birinji tapgyry ulanmaga berler. ■ 2



## Türkmenistanyň başlangyçlarynyň belent ykrarnamasy

Hormatly Prezidentimiz Azerbaýjan Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Goşulyşmazlyk Hereketiniň COVID-19 bilen göreşmek boýunça Aragatnaşyk toparynyň Sammitine gatnaşdy. Ýokary derejeli duşuşyga döwlet we hökümet baştutanlary, dürli ýurtlaryň we iri halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň, Türki Döwletleriň Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Migrasiýa boýunça Halkara guramasynyň, Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň we beýlekileriň ýokary wezipeli wekilleri gatnaşdylar.

Forumyň gün tertibine sebit we ählumumy ähmiýetli möhüm meseleler, häzirki döwrüň howplaryna, wehimlerine, ilkinji nobatda, COVID-19-a garşy bilelikde göreşmek, oňyn syýasy gatnaşyklary pugtalandyrmak, dürli ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlygy höweslendirmek boýunça görülmeli çäreler bilen baglanyşykly meseleleriň giň toplumy girizildi. ■ 3



## Saglyk – baş baýlyk

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Şeýlelikde, ýurdumyz 30 ýyldan gowrak wagtdan bäri bu gurama bilen hyzmatdaşlyk edýär. Hyzmatdaşlygyň dowamynda eziz Diýarymyzyň raýatlarynyň saglygyny pugtalandyrmakda, ömrüniň dowamlylygyny uzaltmakda, birnäçe howply ýokanç keselleri doly aradan aýyrmakda we lukmançylyk ylmynda dünýäniň täze, öňdebaryjy tejribeleriniň hem-de ugurlarynyň özleşdirilmeginde düýpli ösüşler gazanyldy. Şeýle hem ýurdumyz bu gurama we guramanyň düzümleri bilen özara gatnaşyklary yzygiderli giňeldip, lukmançylyk diplomatiýasy ulgamynda iş ýüzündäki hyzmatdaşlygy barha belende galdyrmakda, adamlaryň saglygyny goramak meselelerini çözmek üçin netijeli çäreleri işläp taýýarlamakda, ylmy maglumatlary alyşmakda baý tejribe toplady. ■ 3



## Täze ulag düzümleri döredilýär

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda häzirki zaman ulag-üstaşyr logistik düzümler, aragatnaşyk we telekommunikasiýa ulgamy kemala getirilýär. Munuň özi Beýik Ýüpek ýolunyň döwrebap derejede, täze röwüşde dikeldilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Ýurdumyzda ýol gurluşygyny ösdürmek, täze halkara ulag geçelgelerini döretmek, ýük we ýolagçy gatnawlarynyň möçberlerini yzygiderli artdyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Demirgazyk – Günorta hem-de Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça ulag-logistika düzümini ösdürmekde maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Bu bolsa Türkmenistanyň ählumumy ulag ulgamyna işjeň goşulyşmagyny üpjün edýär. Ýurdumyzda ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagyna yzygiderli üns berilýär. ■ 3

**UMMANLARY GORAMAK boýunça şertnama**
BMG-niň 200-e golaý agzasy 5-nji martda dünýä ummanlaryny goramak baradaky şertnamany tassyklady. ■ 4

**HOLI – REŇKLERIŇ özboluşly baýramçylygy**
Şu ýyl 8-nji marta gabat gelen Holi hindi medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolan gadymy baýramlaryň biridir. ■ 5

**ÝEŇIL ATLETIKA çempionaty tamamlandy**
Ýeňil atletika boýunça Türkiýäniň Stambul şäherinde ýapyk desgada geçirilen 37-nji Ýewropa çempionaty tamamlandy. ■ 7

**4 topar çärýek FINALDA**
UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň jogap duşuşyklarynyň 4-si oýnalyp, çärýek finala çykan toparlaryň 4-si belli boldy. ■ 8

# ASUDALYGYŇ HEM ROWAÇLYGYŇ ÝOLY BILEN

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bu ministrligiň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek, onuň düzümini döwrebaplaşdyrmak, harby gullukçylaryň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak meseleleriniň zerurdygyna ünsi çekip, birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda geçirilen işleriň jemleri, Watanymyzyň mukaddes çäkleriniň ygtybarly goragyny üpjün etmek, garamagyndaky düzümleriň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça amala aşyrylan çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de ýurdumyzyň serhet goşunlarynyň ulgamyny ösdürmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, goňşy ýurtlar bilen dost-doganlygyň serhedi bolup durýan berkarar döwletimiziň çäklerini goramak boýunça bu düzümiň harby gullukçylarynyň öňünde durýan jogapkärli wezipelere ünsi çekdi. Hormatly Prezidentimiz geljekki meýilnamalar barada aýtmak bilen, gullugyň ýolbaşçysyna serhet galalarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, merdana Watan goragçylarynyň netijeli gulluk etmekleri üçin hem-de olaryň maşgala agzalaryna amatly ýaşaýyş şertlerini döretmek boýunça degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra çykyş eden adalat ministri M.Taganow şu ýylyň iki aýynda amala aşyrylan işleriň netijeleri, milli kanunçylyk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyk getirmek maksady bilen, teklipleri taýýarlamak boýunça geçirilen işler barada hasabat berdi. Şeýle-de bu düzümi ösdürmegiň Maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň hem-de düzüm böleklerinde sanly ulgamy ornaşdyrmagyň barşy barada maglumat berildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, hukuk ulgamynda geljekde-de öňdebaryjy tejribäni öwrenmegiň hem-de ony iş ýüzünde peýdalanmagyň zerurdygyny belledi. Hormatly Prezidentimiz düzümiň ýolbaşçysyna ilata ýokary derejeli hukuk kömeginiň berilmegini talabalaýyk guramak we bu meseläni hemişe gözegçilikde saklamak barada tabşyryk berdi.

Soňra Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew ýylyň başyndan bäri geçirilen işler hem-de Türkmenistanyň çäklerinden geçýän, barha artýan ýük akymlaryny, şol sanda üstaşyr geçirilýän ýük gatnawlarynyň bökdençsiz hereketini üpjün etmek boýunça geçirilen işler barada hasabat berdi. Şeýle hem ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, örän möhüm üstaşyr ulag geçelgeleriniň çatrygynda ýerleşýän Watanymyzyň soňky ýyllarda barha ýokarlanýan geostrategik orny bilen baglylykda, bu gullugyň işleriniň möçberiniň artýandygyna ünsi çekdi. Ylmy-tehniki ösüşiň gazananlarynyň işjeň peýdalanylmagy serhet üstünden geçýän ähli harytlaryň we ýükleriň dessin we talabalaýyk gözden geçirilmegini üpjün etmäge mümkinçilik berýär diýip, hormatly Prezidentimiz gümrük amallarynyň halkara ülňüleriň talaplaryna laýyklykda geçirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy B.Wolsahatow bu düzümi ösdürmegiň Maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýylyň başyndan bäri amala aşyrylan toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem sanly ulgamy we bu ugurdaky öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmagyň hasabyna düzümiň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmagyň barşy barada habar berildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, migrasiýa syýasatynyň ilkinji nobatdaky wezipeleriniň anyk ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny belledi. Bu ulgamda işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, innowasion usullar, häzirki zaman tehnologiýalary has işjeň ulanylmalydyr diýip, döwlet Baştutanymyz gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlisi jemläp, Garaşsyz Watanymyzyň Bitaraplyk hukuk derejesine üýtgewsiz eýerip, dünýä ýurtlary we halklary bilen dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny saklaýandygyny aýtdy. Şu ýörelgelere esaslanyp, Harby doktrinamyz diňe goranyş häsiýetine eýedir hem-de şoňa laýyklykda, geljekde-de harby we hukuk goraýjy edaralaryň gurluşy yzygiderli kämilleşdiriler, Watanymyzyň goranyş ukyby berkidiler.

## Bagtyýarlyk döwrümiziň döwrebap şäheri

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda Ahal welaýatynyň Arkadag şäherindäki binalaryň we desgalaryň açylyş dabarasyna ýokary derejede taýýarlyk görülýär.

Sebitiň täze merkeziniň ikinji tapgyrynda meýilleşdirilýän binalaryň we desgalaryň gurluşygy hem ýakyn wagtda badalga alar.

7-nji martda hormatly Prezidentimiz Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Ahal welaýatynyň Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyryny 2023 – 2026-njy ýyllarda amala aşyrmak bellenildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Ahal welaýatynyň Arkadag şäherine iş saparyny ýygy-ýygydan amala aşyrýar. Şol saparlaryň birinde türkmen halkynyň Milli Lideri awtomenziliň şekil taslamasy bilen tanyşdy. Bu toplumyň taslamasyny Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyplary taýýarladylar. Hormatly Arkadagymyz biziň ýokary okuw mekdebimiziň taslamasyna käbir belliklerini aýtdy we bu ugurda alnyp barylýan işlere, degişli taslamalaryň taýýarlanylmagyna ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň, şol sanda Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyplarynyň gatnaşmagynyň maksadalaýyk boljakdygyny belledi. Arkadag şäherinde şeýle beýik taslamalara gatnaşmagymyz biz talyp ýaşlary diýseň buýsandyrýar we geljege uly ynam döredýär.

Biz ýaşlara okamaga, öwrenmäge, döredijilik işleri bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň janynyň sag, belent başynyň aman bolmagyny, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriniň hemişe rowaç almagyny tüýs ýüregimizden arzuw edýäris!

**Arslan BAÝRAMMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*





## Mähribanlygyň we gözelligiň baýramy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

### ZENANLAR DÖWLET DEREJESINDE SARPALANÝAR

Çykyşlarda, şol sanda ýurdumyzdaky diplomatik düzümleriň wekilleriniň çykyşlarynda häzirki wagtda türkmen döwletinde we jemgyýetinde zenanlaryň ornunyň barha artýandygy bellenildi. Türkmenistanyň zenanlar babatdaky alyp barýan syýasatyna aýratyn üns berildi, ýurdumyzyň Konstitusiýasy hem-de milli kanunçylygyň degişli hukuk namalary, zenanlaryň döwrebap bilim almagy hem-de saglygy, jemgyýetçilik durmuşynda eýeleýän orny bilen baglanyşykly amala aşyrylýan maksatnamalar olaryň hukuklarynyň üpjün edilmeginiň ygtybarly kepili bolup durýar. Türkmenistanyň zenanlary döwletimiziň özleri baradaky hemişelik aladasyna buýsanýarlar, ýurdumyzda maşgalanyň abadançylygy, ýaş nesilleri terbiýelemek üçin döredilýän şertler üçin Arkadagly Serdarymyza çäksiz hoşallyk sözlerini beýan edýärler.

Türkmen halkynyň ykbalynyň özgermegine uly goşant goşýan, mynasyp nesli terbiýelemek ugrunda tagalla edýän zenanlar döwlet derejesinde sarpalanýar. Baýramçylyk mynasybetli köp çagaly eneleriň ýüzlerçesi, Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen «Ene mähri» diýen hormatly ada mynasyp boldy. Bu dereje, ilkinji nobatda, eneleriň jemgyýetimiziň we döwletimiziň öňünde bitiren hyzmatlaryna hormatyň nyşany bolup durýar.

Şeýle hem köp çagaly eneleriň uly toparyna ýokary amatlyklary bolan täze, döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň açarlary gowşuryldy. Ýurdumyzyň zenanlaryna, gelin-gyzlaryna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan pul sowgatlaryny gowşurmak asylly däbe öwrüldi. Oňa ak gyňaçly eneler, önümçilikde işleýän gelin-gyzlar, talyp we okuwçy gyzlar, çagalar baglarynda terbiýelenýän gyzjagazlar mynasyp boldular.

### ÝURDUMYZYŇ ÄHLI KÜNJEGINDE BAÝRAMÇYLYK ÇÄRELERI GEÇIRILDI

Baýramçylyk äheňinde bezelen zalda meşhur estrada artistleriniň, bagşylaryň çykyşlary belent owazda ýaňlanyp, olar türkmen zenanlarynyň gözelliginiň, söýginiň, juwanlygyň we gadymy türkmen topragynyň sahawatynyň waspyny ýetirdiler. Dabaranyň dowamynda çykyş eden medeniýet işgärleri ak gyňaçly enelere, mährem zenanlara, uýalara we gyzlara mähirli gutlaglaryny, hoşniýetli arzuwlaryny aýtdylar.

Şeýle-de ýurdumyzyň ähli künjeginde, paýtagtymyzyň hem-de welaýatlaryň konsert meýdançalarynda baýramçylyk mynasybetli aýdym-sazly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy. Bahar paslyna we Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ruhy bilen sazlaşýan mährem zenanlara bagyşlanan baýramçylyk çykyşlarynda şatlyk, döredijilik duýgulary, täze durmuşyň ýörelgeleri, halkymyzyň ynamyny, kuwwatyny, umyt-arzuwlaryny berkidýän ajaýyp başlangyçlar öz beýanyny tapdy.





## Sürüjisiz ulag 1,6 million kilometr ÝOL GEÇDI

Awtomatlaşdyrylan sürüş ulgamlaryny işläp taýýarlaýan «Waymo» şereketiniň sürüjisiz ulagy häzire çenli 1,6 million kilometr ýol geçdi. «Google» kompaniýasyna degişli bolan şereket birnäçe ýyldan bäri ulag hereketiniň bar ýerlerinde sürüjisiz ulaglary synagdan geçirýär. Häzirki wagtda bolsa, ABŞ-nyň Arizona ştatynyň Finiks şäherinde ýörite mobil goşundyny telefonlaryna göçürip alan adamlar, bu ýerden taksi sargyt edip, şäheriň belli ýerlerinde sürüjisiz ulaglardan peýdalanyp bilýärler. Şereket bu ulaglary arkaly 1 million milden gowrak ýoluň geçendigini mälim etdi. Şeýle köp aralygy geçendigine garamazdan, ulaglarda hiç hili ýol-ulag hadysasy ýüze çykmandyr. Bilermenler bu ýagdaýyň dolulygyna özbaşdak hereket edýän ulaglaryň ýaýbaňlanmagyndaky ýene bir sepgidiň aşylandygyny belleýärler.



Şereketiň sürüjisiz ulaglary taksi hökmünde ulanylanda, ilkibaşda onuň sürüji oturgyjynda haýsydyr bir garaşylmadyk ýagdaýda awtomatlaşdyrylan ulgama gözegçilik etmek üçin ätiýaçdan bir tehniki işgär oturýardy. Soňky wagtlarda bolsa ulaglar dolulygyna özbaşdak, ýagny sürüjisiz hereket edip başlady. Özbaşdak sürüş tehnologiýasyny «Uber», «Apple», «General Motors», «Tesla», «Baidu», «Aptiv», «Argo» ýaly ululy-kiçili beýleki birnäçe kompaniýa hem işläp taýýarlaýar.

**Eziz GARLYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Pyýadalar üçin TUNNEL

Norwegiýanyň Bergen şäherinde pyýadalar we welosipedçiler üçin dünýäniň iň uzyn tunneliniň gurluşygy alnyp barylýar. Uzynlygy 2,9 kilometre barabar bolan Fýullingsdalen tunneli 15-nji aprelde açylyp ulanmaga berler. Ýurduň günorta-günbataryndaky Lowstakken dagynyň bir bölegini kesip geçýän ötükden welosipedde 10 minutda, ýöräp 30-45 minutda geçip bolýar. Geçen ýylyň noýabrynda açylan ýeňil demir ýol ulgamyna ugurdaş edilip gurlan tunneliň pyýadalara niýetlenen böleginiň ini 2,5 metre, welosipedçilere degişli ýeri 3,5 metre barabar. Gowy ýagtylandyrylan tunneliň belli ýerlerinde adamlaryň dem-dynç almaklary üçin oturgyçlar ýerleşdirilipdir. Tunnel her gün 5:30-dan 23:30-a çenli açyk bolar. Her 250 metrde gyssagly jaň etmek üçin telefonlar ýerleşdiriler. Tunnele girilende, ýagtylyk tolkuny arkaly öňden gelýän welosipedçi barada habar berler. Tunneliň içi hemişe 7 derejede saklanyp, has sowuk günlerde ylgamagy halaýanlar üçin amatly şert döreder.



Tunnelden Bergen şäheriniň merkezine çenli hem welosiped ýodasy gurlupdyr. Bu taslama adamlaryň awtoulag ýerine welosiped ulanmagyny höweslendirmek maksady bilen durmuşa geçirilýär. Tunnelden şäheriň merkezine çenli aralyk 7,8 kilometre barabar bolup, bu ýoly welosiped bilen 25 minutda geçip bolýar. Taslamanyň durmuşa geçirilmegi bilen bu wagt iki esse azalar.

**Aýgül GAIPNAZAROWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Dünýäniň ähli parlamentinde ZENAN WEKILLER BAR

Taryhda ilkinji gezek dünýä ýurtlarynyň ählisiniň milli parlamentlerinde zenan wekiller bar. Bu barada Parlamentara Bileleşigiň maglumatlarynda mälim edilýär. Merkezi edarasy Ženewada ýerleşýän guramanyň geçen ýyl saýlaw geçirilen 47 ýurtdan alnan hasabatlara esaslanyp taýýarlan maglumatyna laýyklykda, dünýädäki parlamentleriň hiç birisi diňe erkek wekillerden ybarat däl.



Geçen ýyl ählumumy saýlaw geçirilen 47 ýurtda parlamentdäki mandatlaryň 25,8 göteriminiň zenanlara degişlidigi belli bolupdyr. Bu görkeziji şol ýurtlarda geçirilen ozalky saýlawlar bilen deňeşdirilende, 2,33 göterim köp.

Halkara guramanyň wekilleri parlamentlerde zenan wekilleriň sanynyň artmagynyň sebäbini käbir ýurtlarda zenan deputatlaryň sanyny çäklendirmeýän kanunyň çykarylmagynyň netijesi bolandygyny belleýärler. Zenan deputatlaryň sany babatda kanuny we meýletin kwotalaryň bolan ýurtlarynda parlamentleriň 30,9 göterimi zenan wekillerden düzülen bolsa, bu görkeziji kwotasyz ýurtlarda 21,2 göterime deň bolupdyr.

Maglumata görä, dünýäniň alty ýurdunda erkek we zenan deputatlaryň sany deňeçer. Täze Zelandiýada 120 mandatyň 60-y, Kubada 586 ornuň 313-i, Meksikada 500 mandatyň 250-si, Nikaraguada 91 mandatyň 47-si, Ruandada 80 mandatyň 49-y we Birleşen Arap Emirliklerinde 40 mandatyň 20-si zenan parlamentarilere degişlidir.

**Jumagül ATAJANOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Ýaşaýyş jaýlarda sarp edilen energiýa ARASSA ÇEŞMELERDEN ALYNDY

Angliýada geçen ýylyň 1-nji oktýabry bilen 2023-nji ýylyň 28-nji fewralyny öz içine alýan 5 aýyň dowamynda elektrik energiýasynyň arassa çeşmelerden alnan möçberi öýlerde sarp edilen elektrik energiýasyna deň boldy. Merkezi edarasy Londonda ýerleşýän ECIU şereketiniň taýýarlan maglumatyna görä, ýurtda gidroelektrik, ýel we Günden alnan elektrik energiýasynyň möçberi 47 terawat/sagat bolupdyr.



Bu görkeziji ýurtda gyş paslynyň dowamynda ähli öýleriň ýa-da ýylyň dowamynda 16 million öýüň sarp edýän elektrik energiýasyna barabar. Ýurtda tebigy gazdan alnýan elektrik energiýasynyň möçberi bolsa, 45 terawat/sagatdan geçipdir.

Agzalýan döwürde gidroelektrik, ýel we Günden alnýan elektrik energiýasynyň önümçiligi geçen ýylyň degişli döwründäkiden 4 terawat/sagat köp bolupdyr. Maglumatda gaýtadan dikeldilýän energiýanyň önümçiliginiň bolmadyk ýagdaýynda ýurduň gaz importynyň 22 göterim, turbageçirijiler arkaly importyň 28 göterim artjakdygy bellenildi.

Arassa çeşmelerden alnan energiýany tebigy gaz bilen öndürmek üçin 95 terawat/sagat gaz ýa-da 110 tanker suwuklandyrylan gaza zerurlyk duýuljakdygy mälim edildi. Degişli döwürde ýurtda ýadro beketlerinden, bioýangyçdan we beýleki çeşmelerden 28 terawat/sagat elektrik energiýasy öndürilipdir.

Bilermenler ýurtda elektrik energiýasynyň önümçiliginde «ýaşyl» çeşmeleriň barha artýandygyny belleýärler.

Ýurtda gaýtadan dikeldilýän energiýanyň önümçilik mukdary geçen ýyl 3,4 gigawat artypdyr.

**Muhammetnur ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## SYÝAHATÇYLYK sergisi geçirilýär



7-nji fewralda Ýewropanyň esasy syýahatçylyk sergisi hasaplanýan «ITB Berlin» öz işine başlady. Halkara gözden geçiriliş üç ýyldan soňra adaty usulda geçirilýär. 1966-njy ýyldan bäri geçirilýän sergi bu ýyl «Üýtgemek üçin açyl!» şygary bilen bellenilýär. Bu ýylky sergä Gruziýa resmi ýer eýesi hökmünde gatnaşýar. Däbe görä, her ýyl bir ýurt bu ýeriň resmi ýer eýesi hökmünde kabul edilip, sergi şol ýurt bilen hyzmatdaşlykda geçirilýär. Şeýle bolansoň, şol ýurduň syýahatçylyk mümkinçilikleri has köp tanyşdyrylýar. Gruziýa sergä «çäksiz myhmansöýerlik» şygary bilen gatnaşýar. Germaniýanyň paýtagtynda geçirilýän gözden geçirilişde dünýäniň 161 ýurdundan 5 müň 500 kompaniýa we edara-kärhana öz harytdyr hyzmatlaryny tanyşdyrýar. 54-nji gezek geçirilýän sergi 5 gün dowam edýär. Sergide ýurtlar, myhmanhanalar, syýahatçylygyň dürli ugurlarynda iş alyp barýan kompaniýalar, agentlikler öz harytlaryny we hyzmatlaryny tanyşdyrýarlar.

**Oguljeren HALMUHAMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Arassa energiýa HAS ARZAN



Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerden üpjün edilmegi birnäçe ýyldan bäri iň arzan usul bolmagynda galýar. Angliýanyň Oksford uniwersitetiniň taýýarlan täze maglumatynda soňky 20 ýylda energiýa pudagyndaky maýa goýumyň bahasyna syn berilýär. Maglumatda global derejede energiýany öndürmek üçin arassa çeşmelerden peýdalanmagyň has arzandygy, Ýer ýüzünde kömür çykarmagyň iň gymmat usuldygy bellenilýär. Bilermenler 2016-njy ýyldan bäri gaýtadan dikeldilýän energiýa we tehnologiýalar üçin maýa goýumy artdyrmaga degişli karzyň özüne düşýän bahasynyň peselýändigini, bu ýagdaýyň kömür çykarmakda artýandygyny bellediler.

Maglumatda uglerody has köp bölüp çykarýan energiýa pudagyna maýa goýum goýmagyň töwekgelçiliginiň artýandygy bellenilýär.

**Aýgül MERDANOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Ilkinji gibrid ULAGYNY ÇYKARAR



Italiýanyň ýokary tizlikli sport ulaglaryny öndürmegi bilen tanalýan «Lamborghini» kompaniýasy ilkinji gibrid ulagyny çykarjakdygyny mälim etdi. Muňa bagyşlanyp geçirilen dabarada ulagyň kuwwatynyň müň at güýjüne barabar boljakdygy habar berildi. Kompaniýa bu ulagy esaslandyrylmagynyň 60 ýyllygy mynasybetli satuwa çykarmagy meýilleşdirýär. Elektrik energiýasy bilen işleýän kuwwatly ulagyň 2028-nji ýylda taýýar bolmagyna garaşylýar. Gibrid ulagyň adaty ýangyçly motory V12 bolar. Bu hereketlendiriji adaty V12-den 17 kilogram ýeňil, emma kuwwaty öňküligine galar. Şeýle hem elektrik energiýasy bilen işleýän üç sany hereketlendiriji bolar. Kompaniýa geçen ýyl «Aventador» atly V12 motor oturdylan ulagyny müşderilerine ýetiripdi.

**Ýakupbeg GARRYGULOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 10-y, 2023 | Belgisi: 10/1524
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111225 | Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Saglyk – baş baýlyk

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Saglygy goraýyş ulgamyny dünýä ölçeglerine laýyk döwrebaplaşdyrmak işine döwletimiz aýratyn ähmiýet berýär. Ynsan saglygynyň goragy üçin iň täze tehnologiýalaryň, öňdebaryjy innowasiýalaryň pudaga giňden ornaşdyrylmagy lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini dünýäde ösen döwletleriň derejesine ýetirmäge giň ýol açýar. Ynsan saglygy baradaky halk bähbitli işleriň netijeli durmuşa geçirilmeginde ynsanperwerlik ýoluny saýlap alan Diýarymyzyň bu ýoldan







ynamly öňe barýan döwlet hökmünde dünýädäki abraýy barha artýar. Ýurdumyzda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň netijeli çözgütlerini ylmy taýdan öwrenip, halk bähbitli özgertmeleriň amala aşyrylýan döwründe halkymyza ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin häzirkizaman anyklaýyş we bejeriş merkezlerinde işleýän ýokary derejede kämil lukmanlary taýýarlamak işine-de uly üns berilýär. Şu maksat bilen ýurdumyzyň lukmanlary lukmançylyk taýdan ösen Germaniýa, ABŞ, Ýaponiýa ýaly döwletlerde iş we okuw saparlarynda bolup, hünärlerini yzygiderli kämilleşdirýärler.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan ylma esaslanan özgertmeleriň netijesinde jemgyýetçilik saglygy goraýşy kemala geldi. Ýurdumyzda gurlan we gurulýan saglyk maksatly desgalaryň ýokary derejede enjamlaşdyrylmagy we öz wagtynda ulanylmaga berilmegi, saglyk ätiýaçlandyryş pasportlarynyň ornaşdyrylmagy lukmançylyk we ykdysady netijeliligi gazanmaga ýardam berýär. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine degişli bolan, ilaty ilkinji, hassahana, şypahana saglygy goraýyş kömegi bilen üpjün edýän edaralarynda, şol sanda dermanhanalarda elektron maglumat ulgamy ornaşdyryldy. Şeýle hem ýurdumyzdaky saglyk maksatly ähli edara-kärhanalarda, pudaklarda elektron resminamalar dolanyşygy ulgamy döredilip işe girizildi. Onuň üçin halkara bäsleşikde seçilip alnan potratçy zerur enjamlary, serişdeleri we elektron meýilnama üpjünçilik önümlerini taýýarlamak we gurnamak işlerini alyp bardy, hünärmenleri taýýarlamak işleri hem üstünlikli ýerine ýetirildi. Bu ulgam Aşgabat şäherindäki we welaýatlardaky saglygy goraýyş edaralarynda işe girizilip, bu babatda alnyp barylýan işleriň gerimi has giňeldilýär.

Saglygy goraýyş pudagyna ornaşdyrylan awtomatlaşdyrylan maglumat ulgamy saglygy goraýyş edarasynda gatnaw we ýatymlaýyn şertlerde bejergi alýan näsaglary lukmançylyk hyzmatlary bilen üpjün etmegi we hasabat resminamalarynyň elektron görnüşleriniň ýygnalmagyny, lukmançylyk maglumatlaryny seljermegi üpjün etjek ýeke-täk maglumat–seljeriş gurşawyny döretmäge mümkinçilik berýär. Bu babatda bejeriş-öňüni alyş we bejeriş-anyklaýyş işleri meýilleşdirildi, gatnaw we ýatymlaýyn şertlerde bejergi alýan näsagyň lukmançylyk kartasynyň kagyz görnüşiniň deregine elektron görnüşi girizildi. Standartlaşdyrylan maglumatlary ýygnamak üpjün edildi, maglumatlaryň we anyklaýyş şekilleriň ýeke-täk bazasy döredildi, lukmançylyk maglumatlaryň elýeterliligi üpjün edildi, lukmançylyk resminamalarynyň bir manyly ýöredilmegi we olary doldurmakda hemmeler bilen kabul edilen maglumatnamalary, beýanlary ulanmak ýola goýuldy. Bu ulgam bejeriş-anyklaýyş işleriniň netijeli guralmagyna, lukmanlaryň köp wagt we zähmet talap edýän işlerini awtomatlaşdyrmak arkaly olaryň zähmet netijeliliginiň ýokarlanmagyna, lukmançylyk gullugynyň we bölümleriniň aragatnaşygynyň gowulanmagyna ýardam berdi.

Il saglygynyň hyzmatynda duran lukmanlaryň her biri öz işinde, halka ak ýürekden hyzmat etmekde hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň belent watançylyk hem adamkärçilik göreldesine eýerýärler. Milli saglygy goraýyş ulgamyna ösüşleri hem üstünlikleri bagyşlaýan Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli işleri rowaçlyklara beslensin!

**Mahym GUBYÝEWA,**
*I.Gandi adyndaky Aşgabat lukmançylyk orta okuw mekdebiniň mugallymy, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty.*

# Türkmenistanyň başlangyçlarynyň belent ykrarnamasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistanyň Baştutany COVID-19 bilen göreşmek boýunça Aragatnaşyk toparynyň Sammitiň umumy Mejlisinde çykyş etdi. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, koronawirus pandemiýasynyň netijeleri häzirki döwürde örän möhüm we düýpli meseleleriň biri bolup durýar. Elbetde, bu diňe lukmançylyk meselesi däldir. Ol gönüden-göni ählumumy ösüşiň syýasy, ykdysady, durmuş-ynsanperwer ugurlaryna täsir edýär. Munuň özi biziň ählimiziň duçar bolan ýönekeý bolmadyk ýagdaýymyzy ýeňip geçmek üçin döwletleriň we halkara institutlaryň özara gatnaşyklarynyň täze, birmeňzeş usullaryny gözlemegiň zerurdygyny görkezdi.

Dünýäniň 120 ýurdunyň arasynda netijeli gatnaşyklary ýola goýmakda we ösdürmekde möhüm syýasy binýat bolup durýan Goşulyşmazlyk Hereketine agza döwletleriň ýokary derejedäki nobatdaky duşuşygynyň esasy meselesi «Bandung ýörelgelerinden ugur alyp, häzirki zaman dünýäsiniň wehimlerine bilelikde we netijeli jogap berilmegini üpjün etmek» temasy bilen bagly boldy. Gün tertibine sebit we ählumumy ähmiýetli möhüm meseleler, häzirki döwrüň howplaryna, wehimlerine, ilkinji nobatda, COVID-19-a garşy bilelikde göreşmek, oňyn syýasy gatnaşyklary pugtalandyrmak, dürli ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlygy höweslendirmek boýunça görülmeli çäreler bilen baglanyşykly meseleleriň giň toplumy ara alyp maslahatlaşyldy.

Goşulyşmazlyk Hereketiniň halkara gatnaşyklardaky orny ara alyp maslahatlaşmalaryň esasy meseleleriniň biri boldy. Şunuň bilen baglylykda, şu sammitiň hem-de onuň çäklerinde öňe sürlen, häzirki döwrüň howplaryna we wehimlerine, ilkinji nobatda, XXI asyryň pandemiýasyna – COVID-19-a garşy göreşmäge gönükdirilen täze başlangyçlaryň ähmiýetine üns berildi.

Söwda-ykdysady gatnaşyklar döwletara hyzmatdaşlygyň örän möhüm ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Bu gatnaşyklar ýokary depginde ösdürilýär. Söhbetdeşler ulag-logistika we energetika ulgamlaryny gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezip, Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda geografik taýdan strategik ähmiýetli ýerleşmeginiň bu ugurda ysnyşykly hyzmatdaşlyk etmäge, şol sanda giň möçberli halkara taslamalary durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki wagta çenli Türkmenistan dünýäniň 149 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, şeýle-de iri we abraýly halkara guramalaryň 50-ä golaýynyň agzasy bolup durýar. Daşary ýurtlarda Türkmenistanyň 40 sany diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary hereket edýär. Şol bir wagtyň özünde ýurdumyzda daşary ýurt döwletleriniň 35 sany diplomatik




wekilhanalary we 13 sany iri halkara guramalarynyň wekilhanalary bar. Şeýle-de, Türkmenistan 150-den gowrak halkara konwensiýanyň we ylalaşyklaryň agzasy bolup, dünýäniň ençeme döwletleri bilen söwda hyzmatdaşlygyny alyp barýar.

1961-nji ýylda döredilen Goşulyşmazlyk Hereketi häzirki wagtda dünýäniň dürli künjeklerinde ýerleşýän 120 döwleti özüne birleşdirip, harby-syýasy toparlara gatnaşmazlyk we döwletleriň hem-de halklaryň parahatçylykly ýaşamak ýörelgeleri ugrunda çykyş edýär. Şunda bu iri birleşmäniň ýanynda döwletleriň 17-siniň, şeýle hem abraýly halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýlekileriň synçy derejesi bardyr.

Türkmenistan 1995-nji ýyldan başlap, bu guramanyň agzasydyr. Türkmen döwletiniň Baştutanynyň 2012-nji ýylyň awgustynda Eýran Yslam Respublikasynyň paýtagty Tähranda geçen Goşulyşmazlyk Hereketiniň XVI sammitine hem gatnaşandygyny ýatlap geçeliň.

**Ogulsabyr NURMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Bahar täsinlikleri

Arly gyşyň möwritini pasyllaryň soltany hasaplanýan bahara bermegi bilen daş-töwerek ýaşyl begrese bürenip, daragtlar pyntyk ýaryp, gunçalar lälezarlyga öwrüldi. Tebigatyň janlanyp, gözellikleriň şugla saçýan pursatlary toprak bilen bagry badaşan babadaýhanlar ekin meýdanlaryna çykyp, yhlas siňdirip bol hasylyň düýbüni tutmaga girişýärler. Pasyllaryň soltany hasaplanýan baharyň ajaýyp günleri özüniň arassa, mylaýym howasy bilen jana tenekär bolup, zähmete hyjuw, Watana söýgi döredýär.

Türkmen tebigatynyň täsinlikleri söz bilen beýan ederden has gözel. Ýurdumyzyň islendik künjeginde aklyňy haýrana goýýan täsinlikleri görmek bolýar.

Bahar paslynyň şu günleri daş-töwerek has-da gözelleşýär. Günüň nuruna eýlenen täsin tebigat ýazda üýtgeşik görnüşe eýe bolýar. Garlary eredip, bulaklary döreden bahar pasly öz gözelligini äleme çaýýar. Ähli pasyllaryň hem özboluşly gözelligi, aýratyn öwüşgini bar. Ýöne bahar paslynyň gözelligine taý geljek gözellik ýokdur. Bahar ähli pasyllaryň soltany hasaplanýar. Baharda baýyrlar, düzler, giň sähralar ýaşyl begrese bürenýär. Agaçlar pyntyk ýaryp, dünýäniň owadanlygyna has-da görk berýär.



Asmandan inýän ýagyş damjalary öz akymy bilen adamlaryň göwünlerini galkyndyryp, goja zemine rysgal-bereket paýlaýar. Baharyň her bir güni, her pursady owadan. Baharyň ýüreklerde joşgun döredip, janly-jandarlary, tutuş tebigaty oýaryşy owadan. Baharda zeminiň ýaşyl begrese bürenip, oňa-da elwan güllerden keşde çekişi owadan. Owadan bahar her gezek jahana dolanda, täsin röwüş bilen nurlanýar. Bütin barlygyň duýgular dünýäsinde janlanyp, tebigatyň häsiýeti ynsanyň häsiýetinde şöhlelenen bolmaly. Gözelligiň soltany bolan näzijek güller bahar paslynda has-da owadan görke eýe bolýarlar. Göýä olar ynsan mähringen güýç alýan ýaly, ýaz şemalyna ýuwaşja ygşyldap, öwşün atýarlar. Daşymyzy gurşap alan ak, gyzyl, sary, gyrmyzy güller gözelligiň hem bagtyň nyşany kimin yslaryny çar tarapa ýaýradýarlar. Tebigatyň gözelligine dürli öwüşgin çaýýan ösümlik we haýwanat dünýäsi täsindir. Diýarymyzyň ajaýyp tebigaty türkmenleriň ruhy dünýäsi bilen sazlaşandyr. Bu hakykat adam bilen tebigatyň ysnyşykly, jebis ýaşaýandyklaryny görkezýär. Ynsan tebigatdan, onuň gözelliklerinden ruhy lezzet alýar.

Tebigatymyzyň täsin gözelligi her bir ynsany özüne maýyl edýär. Bahar paslynda saýrak guşlaryň ýakymly owazlaryny eşidip ruhuň göterilýär. Daglaryň başyndaky garlaryň eräp, dumly-duşda şildiräp akyşy hem bahar paslynyň gudratydyr. Baharda parç bolan gül-gülälekler, terje otlar kalbyňy joşdurýar. Ýaşyl öwsüp pyntyk ýaran agaçlaryň şahalaryny synlanyňda saňa ajaýyp duýgular ýar bolýar. Bahar paslynyň çabgasyny göz öňüne getirmek diýseň ýakymly. Ak çabgalar baharyň gözelligine has-da gözellik goşýar. Şol pursatlarda ýagşyň şybyrdap ýagşyny ýa-da çabgadan soň jümle-jahanyň täze öwüşgine eýe bolşy, tämizligi ynsan kalbyny joşa getirýär.

Bahar pasly özüniň hoştap howasy bilen köňüllerimize şatlyk paýlaýar. Goý, pasyllar soltany hasaplanylýan bahar özüniň mylaýym, hoştaplygy bilen sowulmaz ýazlary getirsin.

**Guwanç ŞYHMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň Lebap welaýat bölüminiň uly gözegçisi.*

# Sanly ykdysadyýet – ösüşlere badalga

Gahryman Arkadagymyzyň ylmy taýdan esaslandyran öňdengörüjilikli syýasatynyň we başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiz – Arkadagly Serdarymyz tarapyndan dowam etdirilmegi netijesinde, ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda halkara ölçeglerine laýyk gelýän täze innowasion tehnologiýalary we maglumat-aragatnaşyk enjamlaryny yzygiderli ornaşdyrmak işleri üstünlikli alnyp barylýar.

Sanly ykdysadyýet sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň peýdalanylmagyna esaslanýan ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy bolmak bilen, ol wagtyň we harajatlaryň tygşytlanylmagy bilen bir hatarda, girdejileriň täze çeşmelerini ýüze çykarmaga şert döredýär. Sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi esasy önümçilik-ykdysady işleriň ähli görnüşleriniň awtomatlaşdyrylmagyna, önümçilik we sarp ediş bazarlarynyň ösdürilmegine, maglumatlary alyşmagyň hasabyna bilimleriň has-da kämilleşdirilmegine, ýokary tehnologiýaly pudaklarda täze döwrebap iş orunlarynyň döredilmegine mümkinçilik berýär.

Sanly ykdysadyýet esasynda ýurduň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň işjeň ornaşdyrylýandygyny, döwlet hyzmatlarynyň ähli görnüşleriniň elektron görnüşde amala aşyrylýandygyny, bilim ulgamynda göni aragatnaşykda bilim bermek usulynyň işjeň ulanylýandygyny görkezýär.

Sanly ykdysadyýet ykdysady we durmuş çäreleriniň ählumumy ulgamy bolmak bilen, internetiň mümkinçiliklerine daýanýan ykdysady nusgany emele getirýär. Onda, esasan, zähmet öndürijiliginiň artmagy, önümçilik harajatlarynyň peselmegi, bäsdeşlige ukyplylygyň ýokarlanmagy ýaly mümkinçilikler göz öňünde tutulýar.

2019-2025-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň ähli pudaklaryny we sebitlerini sanly ykdysadyýete geçirmek göz öňünde tutulýar. Ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda amala aşyrylýar.

Konsepsiýa Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, «Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgün-



leşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuna, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» we beýleki kanunlara esaslanyp, ýurdumyzy sanly ulgam esasynda ösdürmegiň maksadyny, wezipelerini we esasy ugurlaryny kesgitleýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda innowasiýalar işjeň ornaşdyrylýar, sanly teleýaýlymlar alnyp görkezilýär, optiki süýümli aragatnaşyk ulgamlary ösdürilýär we internetiň giň elýeterliligi üpjün edilýär. Programma-tehniki, maglumat serişdeleri we ulgamlary dürli döwlet edaralarynda – ylym-bilim, saglygy goraýyş, ulag-aragatnaşyk, bank ulgamlarynda, senagatyň aýry-aýry pudaklarynda işjeň peýdalanylýar.

Ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak sanly ykdysadyýetiň ösüşini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň esasy şertleriniň biridir. Bu ugruň ösdürilmeginiň maksady sanly ykdysadyýetiň talaplaryna laýyk gelýän hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilen bilim ulgamyny kämilleşdirmekden, hünäre gönükdirmek ulgamyny döwrebaplaşdyrmakdan, şonuň bilen birlikde, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary babatynda goşmaça bilimleri girizmekden hem-de bu ugurda täze ukyplary ýüze çykarmakdan ybarat bolup durýar. Bu ugurda bilim edaralarynda sanly ykdysadyýetiň anyk ugurlary boýunça okadylmagy we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamyna degişli edaralaryň hünärmenleri bilen tejribe alşylmagy degişli hünäri bilen birlikde, maglumat tehnologiýalaryndan doly baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga uly mümkinçilikleri döredýär.

Şu jähetden seredilende, sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy – häzirki zaman globallaşýan dünýäniň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri bolmak bilen, mikroelektronika, maglumat we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamynda gazanylýan ösüşlere esaslanýar.

Bilim edaralarynda sanly ykdysadyýetiň anyk ugurlary boýunça okadylmagy we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamyna degişli edaralaryň hünärmenleri bilen tejribe alşylmagy bolsa degişli hünäri bilen birlikde, maglumat tehnologiýalaryndan doly baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga oňyn täsir eder.

**Gaýypsähet ORAZSÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň işgäri.*

# Täze ulag düzümleri döredilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ösdürilmegi milli maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň hem girewidir. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ulag diplomatiýasynyň çäklerinde ulaglar ulgamynyň ösüşini üpjün etmek bilen baglanyşykly wezipeleriň toplumy kesgitlenendir. Olaryň hatarynda: ýolagçylary gatnatmagyň we ýükleri daşamagyň möçberlerini artdyrmak we hilini gowulandyrmak, ulag hyzmatlarynyň eksportyny artdyrmak, esasan, ýurduň ýükleri üstaşyr geçirmek mümkinçiligini durmuşa geçirmek, ulaglar ulgamynda halkara ykdysady we söwda hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmaga niýetlenen iri halkara hem-de sebitleýin taslamalar babatynda, ilki bilen, çykyş etmek hem-de olary durmuşa geçirmek bolup durýar.

Häzirki wagtda döwrebap, amatly täze halkara logistika ulgamyny döretmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek boýunça ählumumy başlangyçlary dünýä ýurtlary tarapyndan biragyzdan makullanýar. Ýurdumyz dünýä ýurtlary bilen dostlukly hyzmatdaşlygy, hususan-da ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde ulag ulgamyna aýratyn ähmiýet berýär. Garaşsyz Türkmenistan geografik taýdan amatly ýerde sebit hem-de sebitara gatnaw ýollarynyň çatrygynda ýerleşmek bilen, Ýewraziýanyň halkara ýük akymlarynyň köp bölegini özünde jemleýär.

Şonuň netijesinde, ýurdumyzda täze iri taslamalary durmuşa geçirmek ugrunda giň tagallalar edilýär. Olaryň biri hem Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystanyň serhedi awtomobil ýolunyň gurluşygy taslamasydyr. Bu taslamany ýurdumyzyň öňden gelýän ygtybarly hyzmatdaşy Russiýanyň «Wozroždeniýe» taslama-gurluşyk kompaniýalar topary alyp barýar.

Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystanyň serhediniň awtomobil ýoly örän uly mümkinçilige eýe bolmak bilen, ol ýurdumyzyň ýol-ulag ulgamynyň geçirijilik ukybyny, logistik hyzmatlaryň hilini ep-esli ýokarlandyrar. Bu bolsa halkara üstaşyr ulag geçelgeleriniň işiniň netijeli häsiýete eýe bolmagyny, goňşy ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryň berkidilmegini üpjün eder.

Türkmenbaşy şäherinden Gazagystanyň serhe-



dine çenli uzynlygy 225 kilometr bolan awtomobil ýoluny häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek bilen, ini 22,5 metr, iki gatnawly her tarapa iki sany hereket zolagyndan ybarat bolan täze, döwrebap awtomobil ýoluny we hyzmat ediş desgalaryny, şeýle hem Garabogaz aýlagynyň üstünden geçýän ini 21 metr, uzynlygy 354 metr bolan täze awtomobil köprüsini gurmak göz öňünde tutulýar.

Mälim bolşy ýaly, geçen ýyl hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystanyň serhedine çenli barýan awtomobil ýolunyň ugrunda Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze awtomobil köprüsiniň düýbi tutuldy.

Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystanyň serhedi awtomobil ýolunyň ugrunda dürli maksatly desgalary gurmak hem meýilleşdirilýär. Şolaryň hatarynda sürüjiler we ýolagçylar üçin niýetlenen dynç alyş merkezleri, myhmanhana, tehniki hyzmat ediş merkezleri, awtobus duralgalary, ulaglaryň agramyna hem-de ölçegine gözegçilik etmegiň, yşyklandyryjylaryň, ýol belgileriniň awtomatlaşdyrylan ulgamlary bar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda gurulýan we durky täzelenýän ýollaryň Türkmenbaşynyň Halkara deňiz porty arkaly Ýewropa bilen Merkezi Aziýanyň arasynda ýolagçylary we harytlary üznüksiz daşamak üçin amatly şertleri döretmelidigini bellemelidiris.

Täze dörediljek awtomobil ýoly Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary hem ösdürmäge giň mümkinçilikler berer. Gazagystanyň Mangistau welaýatynyň we Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň arasynda söwda gatnaşyklaryny has-da ösdürmek ugrunda möhüm şertler dörediler.

Gazagystanyň we Türkmenistanyň haryt dolanyşygyny has-da artdyrmak üçin uly mümkinçilikleri bar. Energetika, ulag, logistika, oba hojalygy, senagat we beýleki pudaklarda-da uly gorlar bar.

Bagtyýarlyk döwrümizde hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetimiziň ulaglar ulgamyny ýokary derejä ýetirmek bilen baglanyşykly edýän tagallalary ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegine, halkyň eşretli durmuşda ýaşamagyna uly goşant goşýar. Türkmen halkyny bagta ýetirip, bagtyýarlykda ýaşadýan, ulag we aragatnaşyk düzüminiň has-da kämilleşmeginde bimöçber aladalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleri elmydama rowaç alsyn!

**Akpamyk KERTIKOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Gündogaryň beýik akyldarynyň sarpasy belentden tutulýar

Magtymguly Pyragy türkmeniň görnükli akyldary, türkmen edebi diliniň düýbüni tutujylaryň biridir. Beýik türkmen şahyrynyň watançylygy, mertlik, geçirimlilik, ynsanperwerlik, raýdaşlyk, rehimdarlyk, myhmansöýerlik häsiýetleri baradaky goşgulary terbiýeçilik mekdebidir. Şahyr Watan, watansöýüjilik baradaky düşünjäni has-da belende göterýär. Onuň çuň many-mazmuna, ynsanperwerlige ýugrulan döredijiliginiň içinden watançylyk duýgulary eriş-argaç bolup geçýär.

2014-nji ýyl ýurdumyzda «Magtymguly Pyragynyň ýyly» diýlip yglan edildi, «Magtymguly Pyragy» medaly döredildi. Şahyrymyzyň goşgulary dünýäniň birnäçe dillerine terjime edildi.

2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy giňden bellenilip geçiler. Şeýle hem Türkiýäniň Bursa şäherinde geçirilen TÜRKSOÝ-yň Hemişelik geňeşiniň 39-njy mejlisiniň kararyna laýyklykda şahyryň 300 ýyllygy mynasy-



betli «2024-nji ýyl – Magtymguly Pyragynyň ýyly» diýlip yglan edildi. Bu bolsa tutuş türki halklaryň Magtymguly Pyraga goýýan belent sarpasyndan nyşandyr.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan «Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaraly bellemek boýunça geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasy» tassyklandy. Şol meýilnamanyň çäklerinde, Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkeziniň alymlary Magtymguly Pyragynyň döredijilik portalyny işläp düzýärler. Ýakyn geljekde işe giriziljek Döwrebap portalda beýik şahyryň goşgulary, kitaplary ýerleşdiriler. Onda Magtymgulynyň goşgularyny gözlemek, belläp almak, ýatda saklatmak mümkinçilikleri göz öňünde tutulan. Şeýle-de portalda beýik şahyryň dürdäne pikirleri ýerleşdirilen.

Magtymguly Pyragy barada müňlerçe makala ýazyldy. Onuň döredijiligine bagyşlanan ylmy işler hem sanardan köp. Täze portalda bu işler we täze ylmy gözleglerиň netijeleri bilen tanyşmak üçin hem ýörite penjire bar. Onuň işe girizilmegi bilen, magtymgulyşynaslar, akyldar şahyryň döredijiligine sarpa goýýan ähli okyjylar köpçüligi üçin gymmatly gollanma boljakdygy ikuçsuzdyr.

Magtymguly Pyragynyň ajaýyp eserleri bahasyna ýetip bolmajak hazynadyr. Edebiýat äleminde hem munuň şeýledigi suratlandyrylýar. Nurmyrat Saryhanowyň «Kitap» hekaýasynda akyldar şahyryň kitabynyň bir düýe bilen bahalanmagy munuň aýdyň delilidir. Dana şahyryň ýiti zehininden kemal tapan goşgularynda türkmen halkynyň milliligi şöhlelenýär. Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda Gündogaryň, şol sanda türkmen halkynyň nusgawy eserleriniň, olardaky halk arasynda taryplanýan gahrymanlaryň atlary ýygy-ýygydan ulanylýar. Olaryň waspy ýokary derejede beýan edilýär we şol goşgularyň kömegi bilen meşhur edebi eserleriň we olaryň gahrymanlarynyň atlary dilden-dile geçip, baky ýaşaýar.

**Gülaýym JUMAGELDIÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde



► **Wýetnamyň täze Prezidenti.** Wýetnamyň Milli parlamenti tarapyndan Kommunistik partiýanyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň agzasy Wo Wan Thyongyň prezidentlige dalaşgärligi tassyklandy. Täze Prezident tassyklanandan soň, parlament deputatlarynyň öňünde kasam kabul etdi.



► **Saýlawlarda ýeňiş gazandy.** Nigeriýada geçirilen prezident saýlawlarynda ýurduň agalyk ediji partiýasy bolan, ýagny «Ähli progressiw güýçleriň kongresi» partiýasynyň wekili Bola Tinubu ýeňiji boldy. Bu barada ýurduň Garaşsyz milli saýlaw topary mälim etdi.




► **Dalaşgärligini yglan etdi.** Işewür Perri Jonson 2024-nji ýylda ABŞ-da geçiriljek prezident saýlawlaryna dalaşgärligini yglan etdi. Bu barada Respublikaçy Perri Jonson her ýyl guralýan Konserwatiw syýasy hereket maslahatynyň açylyş dabarasynda eden çykyşynda aýtdy.



► **Prezidentlige dalaş eder.** ABŞ-nyň 35-nji prezidenti Jon Kennediniň ýegeni, syýasatçy Robert Kennedi-kiçi 2024-nji ýyldaky prezident saýlawlaryna Demokratik partiýanyň adyndan gatnaşmak isleýär. Syýasatçy senator Robert Kennediniň (1925-1968) ogly we Amerikanyň öňki lideri Jon Kennediniň (1917-1963) ýegenidir.



► **Diliň adyny çalyşmakçy.** Moldowanyň parlamenti ähli kanunlarda, şol sanda Konstitusiýada «moldaw dili» diýen söz aňlatmasyny «rumyn dili» diýen söz birligine çalyşmak barada kanun taslamasyny ilkinji okalyşda makullady. Konstitusiýada döwlet dili diýlip, moldaw dili görkezilýär. Rumynça we moldowança bir dil bolup, diňe Moldowada moldowança diýlip atlandyrylýar.



► **Pikassonyň kartinasy satyldy.** Londonyň «Sotheby's» auksionynda Pablo Pikassonyň (1881-1973) gyzy Maýany şekillendirýän kartinasy 21,6 million dollara satyldy. Ispan suratkeşiniň «Gaýykly gyz» atly bu kartinasy 1938-nji ýylda Maýa 2,5 ýaşyndaka çekilipdir.




► **Rekord gazanan towuk.** ABŞ-ly pensioner zenanyň howlusynda saklaýan towugy 21 ýaşyň içinde bolup, ähli towuklaryň arasynda iň garrysy diýlip yglan edildi. Bu barada Ginnesiň rekordlar kitabynyň saýtynda habar berilýär. «Arahis» lakamly towuk 3-nji martda 20 ýyl 306 gün ýaşady. Adatça, towuklar 5-10 ýyl ýaşaýarlar.



► **Metronyň täze halkasy.** Moskwa metrosynda uly halkalaýyn ugur arkaly gatnawlar başlady. 70 kilometrlik ulgam dünýäniň iň uzyn metrosyna öwrüldi. Bary-ýogy 11 ýylda gurlan bu halkada 31 stansiýa bar. Bu metro paýtagtyň ulag infrastrukturasyny düýpgöter üýtgedip, dürli etraplaryň özara baglanyşygyny ýola goýar.

► **Buzluk eredi.** «Antarktidanyň töweregindäki buzluk iň pes derejä çenli eredi» diýip, «The Guardian» neşiri ýazýar. Yklymyň töweregindäki buzlugyň meýdany häzir 1,8 million inedördül kilometre çenli azaldy. Bu hemra arkaly 44 ýyllyk gözegçiligiň dowamynda hasaba alnan iň pes görkezijidir.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ 1889-njy ýylyň 10-njy martynda ABŞ-nyň Missuri ştatynyň Kanzas Siti şäherinden bolan işewür Elmon Braun Strouјer awtomatik telefon stansiýasyna patent alandan soň, «ähli awtomatik telefon stansiýalarynyň atasy» hökmünde taryha girýär.





# Karl III Fransiýa sapar eder

Beýik Britaniýanyň Koroly Karl III tagta çykaly bäri ilkinji döwlet saparyny Fransiýa amala aşyrar. Bu barada Ýelisey köşgüniň beýanatynda mälim edilýär. Maglumatlara görä, Karl III ilkinji döwlet sapary 26-29-njy mart aralygynda amala aşyrylar. Bilermenler bu çakylygy Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň iki ýurduň gatnaşyklaryny täzeden başlatmak baradaky niýeti bilen baglanyşdyrýar.

10-njy martda Londondan Pariže ilkinji sapar eden myhman bolsa, Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Rişi Sunak boldy.

Bu sapar 74 ýaşly Korolyň 6-njy maýda guraljak täç geýdiriliş dabarasynyň öňüsyrasynda bolup, «Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň we Germaniýanyň özara gatnaşyklaryny ilerledip, umumy taryhymyzy, medeniýetimizi we gymmatlyklarymyzy açyp görkezmäge ýardam berer» diýlip, britan monarhynyň diwanynda aýdylýar.

Karl III we onuň aýaly Kamilla Fransiýa saparynyň dowamynda Emmanuel Makron bilen birlikde Parižďäki Triumfal arkasyna gül desselerini goýmak dabarasyna gatnaşarlar. Korol Fransiýanyň Senatynda çykyş eder, Kamilla we Fransiýanyň birinji zenany Brižit Parižďäki Orse muzeýinde guraljak serginiň resmi açylyşyna gatnaşarlar.

Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II geçen ýylyň 8-nji sentýabrynda Şotlandiýanyň Balmoral galasynda 96 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Şondan soň onuň 73 ýaşly ogly Şazada Çarlz ejesiniň ornuna geçip, Korol Karl III adyna eýe boldy.



Beýik Britaniýanyň Koroly Karl III tagta geçmegi mynasybetli 6-8-nji maý aralygynda tutuş ýurtda dürli dabaralar gurnalar.

# Dolandyryjy partiýa ýeňiş gazandy

Estoniýada Premýer-ministr Kaýa Kallasyň ýolbaşçylygyndaky dolandyryjy reforma partiýasy, adaty sesleriň, şol sanda elektron ses beriş ulgamy arkaly berlen sesler sanalandan soň, parlamentiň 15-nji çagyrylyşynyň saýlawlarynda ýeňiş gazandy.



Saýlawlarda dolandyryjy partiýanyň 32% sese eýe bolandygyny tassyklandy. Ikinji orny Konserwatiw Halk partiýasy eýeleýär (16%). Ondan soň Merkez partiýasy (14%), «Eesti 200» partiýasy (14%), Sosial-demokratik partiýasy (9%) we «Watan» partiýasy (8%) gelýär. Beýleki syýasy birleşikler 5% çäkden geçip bilmedi.

Saýlawlarda ilki Konserwatiw halk partiýasy öňde barýardy. Şeýle-de bolsa, saýlawlaryň geçirilen güni agşam elektron ses berişligiň netijeleri heniz belli bolmandy. Elektron görnüşde ses beren Estoniýanyň raýatlarynyň sany, takmynan, 314 müňe ýetdi we ilkinji gezek adaty usulda (takmynan, 302 müň adam) ses berenleriň sanyndan öňe geçdi.

Riýgikogynyň saýlawlary (bir palataly kanun çykaryjy) 5-njy martda geçirildi. Bu syýasy çärede 966 müň estoniýaly saýlawçylaryň 615 müňden gowragy ses berip, saýlawlara gatnaşyk ýurduň parlament saýlawlarynyň taryhynda iň ýokary derejä eýe boldy – 63,7%. Parlamentdäki 101 orun üçin 9 syýasy partiýadan 968 dalaşgär, şeýle-de, garaşsyz dalaşgärler bäsleşdi.

# ÄLEMI ÖWRENMÄGE ÝARDAM BERER

Niderlandlarda gurlan iň uly LOFAR radioteleskopy arkaly köp sanly ylmy barlaglar amala aşyrylýar. Toplumyň esasy bölegi Drente welaýatynyň Eksloo obasynda ýerleşýär. Ol 54 stansiýadan we 110 müň antennadan ybarat bolup, Ýewropanyň dürli künjeklerinde ýerleşýär. LOFAR radioteleskopy älemiň uzak jümmüşini öwrenmäge niýetlenendir.



– Antennalar biri-birinden näçe uzak aralykda ýerleşdirilse, obýektleri synlamagyň takyklygy şonça-da dürs bolýar. Biz LOFAR arkaly älemi içgin öwrenýäris. Radioteleskop älemiň ewolýusiýasynyň tapgyrlaryna aralaşmaga we geçmişe göz aýlamaga mümkinçilik berýär. Biz esasan, Uly partlaýyşdan million ýyl soňky ilkinji 500 million ýyl bilen gyzyklanýarys – diýip, Niderlandlaryň ASTRON radioastronomiýa institutynyň ylmy işgäri Maýke Mewius gürrüň berýär.

LOFAR superteleskopy 13 ýyl ozal gurlupdy. Parabolik teleskoplardan tapawutlylykda, bu kabul ediji müňlerçe antennasy arkaly pes ýygylykly elektromagnit tolkunlara has duýgur bolup, birbada tutuş asmany «synlaýar». Dürli stansiýalardan alnan maglumatlaryň ählisi taslamanyň baş edarasy ASTRON-da gaýtadan işlenýär.

– Beýleki planetalara seredip bilýäris, ýöne biziň nazarymyz has uzaga gönükdirilendir. Bizi has uzakda ýerleşýän galaktikalar gyzyklandyrýar. Biz älemiň nähili emele gelendigine göz ýetirmäge synanyşýarys – diýip, ASTRON-yň programma menejeri Wim Wan Kapellen aýdýar.

LOFAR taslamasyna 10 ýurt gatnaşýar: Niderlandlar, Irlandiýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Germaniýa, Polşa, Latwiýa, Şwesiýa, Italiýa we Bolgariýa. LOFAR-yň býujeti onlarça million ýewrodan ybarat bolup, esasy bölegi Ýewropa gaznasy tarapyndan maliýeleşdirilýär.

«Neways Electronics» ýokary tehnologiýaly kompaniýalar toparynyň bir bölegi bolup, ägirt uly çäklerde maglumatlary geçirmäge ukyply müňlerçe antennalary gurmagy öz üstüne aldy.

– Biz ASTRON-yň sargydy boýunça çylşyrymly ulgamlary – elektron enjamlary öndürýäris. Ol 6 müň bölekden ybarat. Biz bu ugurda toplan tejribämiz bilen elektron tehnologiýalar babatda uly ösüş gazandyk – diýip, «Neways Electronics»-iň dolandyryjy müdiri Mişel Postma aýtdy. LOFAR teleskopy Ýewropanyň sebitleýin ösüş taslamalarynyň arasynda iň ylham berýän ulgamlaryň biridir.

# Piramidadan gizlin ötük tapyldy

Müsüriň Gadymy ýadygärlikleri goramak boýunça ministrligi täze arheologik tapyndy barada habar berdi. Alymlar meşhur Heopsyň piramidasynda öň belli bolmadyk dokuz metr uzynlykdaky ötügi ýüze çykardylar. Ol täze açyşlara sebäp bolup biler diýip, alymlar aýdýarlar.

Bu ötük 2015-nji ýyldan bäri hereket edip gelýän «Scan Pyramids» taslamasynyň çäklerinde ýüze çykaryldy. Arheologlar skanirlemegi we endoskanirlemegi öz içine alýan häzirki zaman usullaryndan peýdalanmak bilen, piramidanyň içki gurluşyny öwrenýärler. Müsür piramidalary dünýäniň ýedi täsinliginiň biri bolup, ýeke-täk abat saklanyp galan taryhy desgalardyr.

Gizadaky meşhur piramida miladydan öň 2560-njy ýylda Müsüriň faraony Hufunyň (Heops) aramgähi hökmünde bina edilipdir. Onuň beýikligi 146 metre deň bolup, 1889-njy ýylda Parižde Eýfel diňi gurulýança adamzat tarapyndan gurlan iň beýik bina hasaplanýardy.



# Azyk önümleriniň bahasy arzanlaýar

Azyk önümleriniň bahalary geçen ýylyň mart aýynda birden ýokarlanyp ugran hem bolsa, soňra ýuwaş-ýuwaşdan peselip ugrady. Häzir azyk önümleriniň bahasy şol döwür bilen deňeşdireniňde, 18,7 göterim arzan. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalygy guramasynyň (FAO) metbugat üçin beýanatynda aýdylýar.

Fewral aýynda gallanyň bahasynyň görkezijisi ýanwar aýy bilen deňeşdirilende üýtgemedi diýen ýaly. Bugdaýyň dünýä bahasy birneme ýokarlandy, eksportçylaryň arasyndaky güýçli bäsdeşlik ABŞ-nyň gurak howa şertleri baradaky aladalary aradan aýyrdy. Aziýanyň esasy eksportçylarynyň köpüsiniň walýutalarynyň dollara bolan gatnaşykda hümmetiniň peselip, söwda işjeňliginiň haýallamagy sebäpli tüwiniň halkara bahasy bir göterim arzanlady. Süýdüň bahasy 2,7% pese gaçdy, şeýle-de ýagyň we gury süýdüň halkara nyrhlarynda has pese gaçyşlar göze ildi.

Bütewülikde alanyňda, etiň bahasy üýtgemedi diýen ýaly. Ýokary eksport üpjünçiligi netijesinde, guş etiniň bahasynyň peselmegi dowam edýär. Şekeriň bahasy ýanwar aýyndan bäri 6,9% ýokarlanyp, soňky alty ýylda iň ýokary derejä ýetdi. Muňa Hindistanda 2022-2023-nji ýyllardaky önümçilik çaklamasynyň peselmegi, dünýädäki çig nebitiň bahasy, şeýle hem Braziliýada etanolyň bahasy sebäp boldy.

Şeýle hem FAO 2023-nji ýylda dünýäniň bugdaý önümçiligi boýunça deslapky çaklamalaryny ýaýratdy. Global önümçilik 784 million tonna bolup, gözegçilikleriň dowamynda ikinji uly görkezijidir. Daýhanlar gallanyň ýokary bahasyna jogap hökmünde ekiş meýdanlaryny giňeldýärler. Netijede, Demirgazyk Amerikada ýokary hasyl alynmagyna garaşylýar. Çaklamalara görä,




Günorta ýarym şaryň ýurtlary 2023-nji ýylda iýmlik däne öndürmekde öňegidişlik gazanar. Braziliýada mekgejöwen hasylynyň rekord derejä ýetjekdigi çak edilýär.

1945-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda esaslandyrylan Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) açlyga garşy göreş alyp barmak, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, adamlaryň iýmitlenmek ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen ähli ýurtlaryň bilelikdäki tagallalaryna ýolbaşçylyk edýän BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. Dünýäniň 130-dan gowrak ýurdunda işleýän bu guramanyň düzüminde 184 ýurt bar.

# Öňdebaryjy orny saklamakçy

Ýewropa Bileleşigi arassa energiýa pudagynda öňdebaryjy ornuny saklamagy maksat edinýär. Germaniýanyň hökümetiniň Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýeniň gatnaşmagynda geçiren maslahatynda Ýewropa ykdysadyýeti we arassa energiýa ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Ýewropa Bileleşiginde 2035-nji ýyldan başlap içinden otlanýan hereketlendirijilere girizilen gadaganlyk meselesi barada Ursula fon der Lýaýen konstruktiw gepleşikleriň geçirilýändigini we gepleşikleriň gysga wagtda tamamlanmalydygyny aýtdy.

– Biz geljekde arassa energiýa boýunça dünýä lideri hökmünde öz ornumyzy saklamaga ünsi jemlemelidiris. Munuň üçin bu pudakda bäsdeşlik ukybymyzy we hukuk binýadymyzy ýokarlandyrmalydyrys – diýip, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen belledi.

10-njy martda Waşingtonda Ursula fon der Lýaýeni ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden kabul eder. Bu duşuşykda taraplar ABŞ we Ýewropa Bileleşiginiň ygtybarly üpjünçilik zynjyrlaryna esaslanýan arassa tehnologiýalara maýa goýmak arkaly howanyň hapalanmagyna garşy göreşi nädip utgaşdyrmalydygy ara alyp maslahatlaşarlar. Şeýle hem gün tertibinde halkara meseleleri bar.



# Bilelikde ekohereketlendirijileri öndürer

Saud Arabystanynyň nebit kompaniýasy «Saudi Aramco» fransuz we hytaý awtoulag öndürijileri – «Renault» hem-de «Geely» bilen birlikde ekologiýa taýdan arassa elektrik agregatlary we gibrid tehnologiýalary öndürmäge niýetlenen kärhana döretmek maksady bilen şertnama baglaşdy. Degişli beýannama kompaniýanyň web sahypasynda mälim edildi.

«Saudi Aramco»-nyň meýilleşdirýän maýa goýumlary sintetik ýangyçlary we wodorod tehnologiýalaryny kämilleşdirmäge gönükdiriler» diýlip beýanatda bellenilýär. Täze kompaniýa 17 zawody we bäş ylmy barlag merkezlerini bir ýere jemläp, her ýylda 5 milliondan gowrak hereketlendiriji we transmissiýa, şol sanda gibrid hereketlendirijileri öndürmekçi. Önümleriň 130 ýurda we dürli sebitlere eksport edilmegine garaşylýar. Maglumatlara görä, «Renault» we «Geely» kärhanada deň paýlara eýe bolar. Taraplaryň maýa goýumlarynyň möçberi heniz mälim edilmedi.

«Saudi Aramco» Saud Arabystanynyň milli nebit kompaniýasydyr. Nebit çykarylyşy we nebit gorlarynyň göwrümi boýunça dünýädäki iň uly nebit kom-




paniýalarynyň biri bolup, dünýädäki nebit gorlarynyň, takmynan, 12%-ini, çykarylyşynyň 10%-ini, eksportyň 14%-ini eýeleýär. Şeýle-de kompaniýa ýurduň býujetine gelýän girdejiniň 80%-ini üpjün edýär. «Saudi Aramco» 2021-nji ýylda «Forbes Global 2000» sanawynda 5-nji orna eýe boldy.

# Ummanlary goramak boýunça şertnama

BMG-niň 200-e golaý agzasy 5-nji martda dünýä ummanlaryny goramak baradaky şertnamany tassyklady. Ylalaşyga görä, 2030-njy ýyla çenli umman suwlarynyň, takmynan, 30%-i goralýan akwatoriýa öwrüler. Bu deňiz ösümliklerini we haýwanat dünýäsini goramaga mümkinçilik berer.

Açyk deňizler – döwlet çäkleriniň daşyndaky halkara umman giňişligi häzirki ylalaşygyň esasy mowzugy boldy. Bu resminama ýigrimi ýyla golaý wagt bäri taýýarlanyp gelýärdi. Ýurtlar, esasan hem, balyk tutmak kwotalary bilen baglanyşykly düşünişmezlikler sebäpli uzak wagtlap umumy pikire gelip bilmediler. Indi şertnamanyň tekstine gaýtadan seredilmez, gatnaşyjy ýurtlar ony diňe resmi taýdan tassyklamaly.

Bu şertnamada goralýan deňiz zolaklarynyň döredilmegi göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda ummanlaryň diňe 1,2%-i goralýar. Ylalaşyga görä, bitarap suwlaryň üçden biri goralmalydyr. Goralýan zolaklarda balyk tutmak, gämi gatnawy we çuňňur buraw işlerini geçirmek diňe ekologiýa taýdan giňişleýin barlag geçirilenden soň mümkin bolar.

Ummanlar özboluşly ekoulgam bolup, milliardlarça adamyň iýmit çeşmesidir. Ol Ýer togalagynyň artykmaç ýylylygynyň 90%-ini özüne siňdirip, howany kadalaşdyrmakda möhüm rol oýnaýar. Häzirki wagtda deňiz jandarlarynyň köpüsine, aşa köp awlanmagy we global ýylylyk sebäpli ýok bolmak howpy abanýar.

# HOLI – reňkleriň özboluşly baýramçylygy



Ýer ýüzünde milli äheňde we halkara derejesinde bellenilýän birnäçe baýramçylyk hem-de festiwal bolup, şolaryň arasynda iň meşhurlarynyň biri-de Holidir. Holi festiwaly dünýäde «reňkleriň baýramy» hökmünde meşhurdyr. Hindi senenama aýy Phalguna görä, bu baýramçylyk Purnima agşamynda, ýagny dolan Aý güni geçirilýär. Şu ýyl 8-nji marta gabat gelen Holi hindi medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolan gadymy baýramlaryň biridir. Şatlykly ýagdaýda geçýän bu festiwal üçin aýal-gyzlar tarapyndan gury reňkler, suwa garylan reňkler taýýarlanylýar. Köçelere abeer we gulal reňklerinden dürli şekiller hem-de suratlar çekilýär. Şeýle hem maşgala agzalary üýşüp matri, papri, papad we gujiýa ýaly süýjülikdir baýramçylyk tagamlaryny taýýarlaýarlar.

Çagalar üçin örän gyzykly ýagdaýda geçýän Holi baýramçylygynda hemmeler biri-biriniň üstüne dürli öwüşginli reňkleri sepýär. Bu ýagdaý gyşyň gutaryp ýazyň başlanandygyny alamatlandyrýar. Bu baýramçylyga başgaça «Rang Panchami» hem diýilýär. Hindilerde Holi ynsanlaryň arasynda söýgi döredýär hem-de jemgyýetiň has-da ysnyşmagyna mümkinçilik berýär diýen düşünje bar. Şol sebäpli baýramçylyk güni öýke-kineli adamlar hem biri-birine reňk sepip, dostlukly ýagdaýda baýramçylyk belleýärler. Holi gelende tebigat al-elwan güllere beslenýär. Şol sebäpli Holi festiwalyna Hindistanyň käbir sebitinde «Bahar baýramy» hem diýilýär.

# HOKKEÝMI ÝA-DA WELOSPORT?!

Sportuň halkara, ýerli we milli ugulda geçirilýän ýüzlerçe görnüşi bolup, ynsanlaryň aglaba bölegi özüne ýakyn bolan sport görnüşleriniň azyndan haýsy hem bolsa biri bilen meşgullanýarlar. Sport görnüşleriniň arasynda seýrek ýagdaýda geçirilýän we duş gelýän görnüşleriniň biri hem tigirli hokkeýdir. «Variete» filminiň (1925ý.) görkezilişinden soň halk arasynda uly meşhurlyk gazanan bu sport görnüşini geçirmek üçin ýeke tigirli welosiped (monosikl), hokkeý taýagy we top gerek. Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girmeýän bu sport görnüşine her topardan 5 türgen gatnaşýar. Jemi 10 oýunçynyň arasynda geçirilýän bu oýunda top ýörite bellenen derwezeban bolmazdan derwezä girizilýär. Derwezäni toparyň düzümindäki 5 oýunçynyň islendigi gorap bilýär. Welosipedçileriň halkara bileleşigi (UCI) tarapyndan



guralýan ýaryşlarda oýunçylar aýagy bilen monosikli herekete getirip, eli bilen hokkeý taýagyny dolandyryp, topy derwezä girizmäge synanyşýarlar. Bedeniň sazlaşykly hereketini talap edýän bu oýunda deňagramlylygy saklamak esasy şertleriň biri bolup durýar.

Ilkibaşda 1971-nji ýylda Ýaponiýada oýnalan bu oýun soňlugy bilen birnäçe ýurda ýaýraýar. Häzirki wagtda Awstraliýada, Germaniýada we Şweýsariýada ýeketigirli hokkeý boýunça toparlaryň arasynda liga ýaryşlary guralýar. Mundan başga-da Angliýada, Fransiýada, Daniýada, Şwesiýada, Gonkongda, Singapurda we Taýwanda klublararasy hem-de toparlaýyn ýaryşlar geçirilýär. Ýeketigirli hokkeý ýaryşlary erkeklerden we aýallardan, şol sanda erkekdir aýallardan düzülen garyşyk toparlaryň arasynda-da geçirilýär.

# ŞOKOLADY ELDE TAÝÝARLAÝARLAR



Irki döwürlerden bäri halanyp iýilýän şokoladyň dürli görnüşi bar. Olaryň arasynda kişmişli, hozly, pisseli, süýtli görnüşleriniň bolşy ýaly, içimlik hökmünde sarp edilýän gyzgyn şokolad, şokolad örtükli köke ýaly beýleki azyk önümleri hem bar. Adatça şokolad kakao agajynyň miwesinden alynýar. Hemişe gök öwüsýän bu agaç, esasan, Gün şöhlesiniň dik düşýän ýerinde, ekwatora golaý sebitlerde ösýär. Kakao agajy (latynça «Theobroma cacao») Günorta Amerikanyň subekwatorial sebitlerinde, ýabany görnüşleri Meksikanyň kenarýakalarynda, Merkezi we Günorta Amerikanyň, Afrikanyň we Aziýanyň tropik tokaýlarynda ösýär. Miwesi däne ýa-da tohum şekilinde bolup, konditer senagatynda, dürli içgileri taýýarlamakda we lukmançylykda giňden ulanylýar. Bu agajyň bitýän ýerleriniň biri hem Indoneziýa hasaplanýar. Ýurduň Jokýakarta şäheriniň golaýyndaky Nglanggeran obasynyň ýaşaýjylary häzirki wagtda kakao agajynyň hasylyny ýygnaýarlar. Oba ýaşaýjylary kakao mweleriniň çigidinden öý şertlerinde şokolad gaýnadýarlar. Bu ýerde 2014-nji ýyldan bäri kakao agajynyň ýokary hilli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilip, irki döwürlerden bäri köpeldilmegine aýratyn üns berilýär. Bu bolsa, ýokary hilli şokolad öndürmäge mümkinçilik berýär. Oba dükanlarynda şokolad önümleriniň birnäçe görnüşi bu ýere gelýän jahankeşdelere hödürlenilýär. Kakao miwesinden diňe şokolad däl, eýsem, başga önümler hem öndürilýär.



## Sagdyn durmuş ýörelgesiniň 10 esasy

**ÝETERLIK DYNÇ ALYŇ.** Geçirilen barlaglarda sagdyn we uzak ýaşly adamlaryň her gün azyndan 7-8 sagat uklaýandygy ýüze çykaryldy. Bilermenleriň bellemegine görä, ýeterlik dynç almak we kadaly uklamak saglyk üçin derwaýys bolup, bedeniň güýç toplamagy we aňyň durlanmagy üçin örän ähmiýetlidir.

**SPORT BILEN MEŞGULLANYŇ.** Hepdäniň ähli gününde 30-60 minutlyk maşklary ýerine ýetirmegi endik ediniň. Bu saglyk üçin esasy şertleriň biri bolup, ir bilen maşk etmek has peýdalydyr. Şeýle hem bedeniň agramyny kadaly derejede saklamak üçin hepdede 2 gezek güýçlendirilen maşklary ýerine ýetiriň.

**GÖK-BAKJA ÖNÜMLERINI KÖPRÄK IÝIŇ.** Iýmit sanawynda et önümlerini biraz çäklendirip, miwedir gök-bakja önümlerine esasy orun beriň. Nohut, noýba, hoz we soýa ýaly beloga baý iýmitler bilen bir hatarda, miwedir gök otlary köpräk iýiň.

**ŞEKERLI ÖNÜMLERDEN ÝÜZ ÖWRÜŇ.** Şekerli galla we konditer önümlerini azaldyp, süleden, tüwüden taýýarlanan iýmitler bilen çalşyň. Bularyň hataryna gara çöregi hem goşmak bolar.

**ÖSÜMLIK ÝAGYNY SAÝLAŇ.** Iýmit sanawynda siňmesi ýeňil bolan ösümlik ýaglaryna üns beriň. Muňa günebakar, zeýtun, soýa, zygyr, hoz we künji ýagyny mysal getirmek bolar. Her gün 2-4 nahar çemçe arassa ösümlik ýagyny kabul etmek maslahat berilýär.

**KADALY AGRAMY SAKLAŇ.** BMI testini geçirmek arkaly ýaşyňyza görä kesgitlenen agram derejesini saklamaga çalşyň. Kadaly agramy gazanmak gün tertibine we iýmit sanawynyň dogry düzülmegine görä amala aşyrylýar.

**ZYÝANLY SERIŞDELERDEN GAÇA DURUŇ.** Bilermenleriň bellemegine görä her ýyl müňlerçe adam zyýanly serişdeleri ulanmak arkaly ejir çekýär. Şol sebäpli temmäki we alkogolly önümlerden gaça durmak maslahat berilýär. Bu önümler adamyň fiziki işjeňligini peseldip, akyl we ruhy saglygyna oňaýsyz täsirini ýetirýär.

**DURMUŞA UMYTLY GARAŇ.** Durmuşyň gowy taraplaryny görmäge synanyşyň. Köpräk ýylgyryň, şatlanyň we özüňizi bagtly duýuň. Sussupeslikden dynmak üçin durmuşa umytly garaň.

**ÝAKYNLARYŇYZA WAGT SARP EDIŇ.** Maşgala agzalaryňyz we dostlaryňyz bilen ýakyn gatnaşykda bolup, birek-birege goldaw beriň. Hoşniýetli gatnaşyklar ynamy we söýgini has-da güýçlendirýär hem-de bagtly durmuşda ýaşamaga mümkinçilik berýär.

**KITAP OKAŇ.** Gyzyklanýan ugruňyza görä, her gün 4-5 sahypa bolsada kitap okaň. Kitap okalanda adamyň pikiri täzelenýär, ruhy taýdan asudalyk we giňlik gurşap alýar.

# ÇAGALAR

1988-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Çiçen-Isa dünýäniň 7 täsinliginiň biri hasaplanyp, «gowy etniki nesil» diýen manyny berýär.

## Guşlar ýagyşdan nädip goranýar?



**Ýaz paslynyň gelmegi bilen yssy ýurtlara uçup giden guşlar yzyna dolanyp gelýär. Ýaz paslynda agaçlaryň ýapraklap güllemegi, meýdanlarda otdur güläleklerin çykmagy bilen tebigat lälezarlyga öwrülýär. Guşlaryň hoş owazly saýraýşy we jürküldisi hem bahar paslynyň şatlygyna şatlyk goşýar. Bilşimiz ýaly, ýaz paslynda ýagyş-ýagmyr köp ýagýar. Eýsem-de, guşlar ýagyşdan nädip goranýarka?**

**Guşlaryň köpüsi guýruk ýelekleriniň düýbünde ýag ýygnaýar. Guşlar haçanda howada çyglylygyň derejesi artyp ugranda ýag gatlagyny çüňki bilen ýeleklerine sürtüp çykýar. Şeýlelikde, ýag bilen örtülen ýelekler suwy özüne geçirmän, bedeniň gurak ýagdaýda saklanmagyna kömek edýär. Bu ýagdaý adaty ýagynda oňaýly netije berse-de, güýçli ýagynda guşlaryň köpüsi ýeleklerini ýaýyp, ony saýawan hökmünde ulanýarlar. Ýelekler biri-birine ýelmeşip, damjalaryň bedeni ezmän, syrygyp akmagyna kömek edýär.**

**Bilermenler uly guşlara görä kiçi guşlaryň çygly ýelekleriniň çalt sowaýandygyny we ýagyşly howada guşlaryň bedeniniň ýylylyk derejesiniň peselip, üşäp başlaýandygyny belleýärler. Şol sebäpli güýçli ýagyş ýaganda guşlaryň köplenç agaç şahalarynyň arasyna bukulýandygy ýa-da çaltlyk bilen üsti ýapyk ýerlere uçup girýändigini görmek bolýar. Käte ýagynly howada guşlaryň ýylylygy saklamak üçin biri-birine gysylyşyp duran pursatlaryna hem gabat gelmek bolýar.**

## GAÝYBANA SYÝAHAT

## Meksikanyň Çiçen-Isa ýadygärlikler toplumy



Meksikanyň Ýukatan ýarym adasynda Maýa siwilizasiýasyna degişli Çiçen-Isa ýadygärligi ýerleşýär. Alty gektar meýdany tutýan bu ýadygärlikler toplumy birnäçe binany öz içine alýar. 1988-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Çiçen-Isa dünýäniň 7 täsinliginiň biri hasaplanyp, «gowy etniki nesil» diýen manyny berýär.

Çiçen-Isa ýadygärliginiň düzüminde beýik piramida, ybadathanalar, tomaşa meýdançalary we birnäçe täsinlikler bar. Olardan Kukulkan ybadathanasyny (El Castillo), Söweşijiler ybadathanasyny we Uly top kortunyň ýadygärliklerini görkezmek bolar.

Çiçen-Isanyň demirgazyk böleginde Kukulkanyň ybadathanasy, ýagny «El Castillo» piramidasy ýerleşýär. «El Castillo» (Gala) şäher ýadygärligindäki esasy binalaryň biri bolup, bu piramida X asyrda maýalar tarapyndan gurlupdyr. 24 metr beýiklikdäki piramidanyň 365 basgançagy bar. Bu şol döwürler Günüň dogşy we batyşy bilen ölçenen hasap bolup, şäherde astronomiýa ylmynyň gülläp ösendiginden habar berýär. Piramidanyň gapdallary 53 dereje burç bilen ýokary göterilip, depesinde dokuz inedördül eýwandan ybarat ybadathana hem bar. Demirgazyk we gündogar basgançaklaryň başlanýan ýerinde aždarhanyň kellesiniň şekili ýerleşdirilipdir. Piramida irki döwürlerde däp-dessurlaryň berjaý edilýän ýeri hökmünde peýdalanylyp, içki bezeginde, esasan, gyzyl reňkli nagyşlar we gara tegmiller ulanylypdyr. Şeýle hem içerde Çak-Mool heýkeli we Ýaguar şekilli tagt bar. Piramidadaky geň ýagdaýlaryň biri, günortanyna kölege düşmegi esasynda basgançaklaryň egrem-bugram bolup görünmegidir. Bu görnüşi uzakdan synlanyňda ýokardan süýrenip gelýän aždarha meňzeýär.

Şäher ýadygärliginiň diwarlarynda gadym döwürlerde sport ýaryşlarynyň geçirilendigine güwä geçýän 13 sany top geçirilýän halka saklanyp galypdyr. 8 metr beýiklikde asylyp goýlan bu halkalardan top geçirmek arkaly ýaryşlar guralypdyr. Bu sport meýdançasynyň uzynlygynyň 150 metr, ininiň 70 metr töweregi bolandygy çaklanylýar.

Çiçen-Isa şäher ýadygärligi bir asyrdan gowrak wagt bäri syýahat edilýän desgalaryň toplumy bolup hyzmat edýär. 1894-nji ýylda syýahatçylar üçin elýeterli bolan ýadygärlik toplumy 2007-nji ýylda köp sanly ses berlişikden soň dünýäniň 7 täsinliginiň biri hökmünde yglan edilýär. Häzirki wagtda bu ýere piramidany we gadymy desgalary görmek üçin her ýyl 2,5 million töweregi syýahatçy barýar.







## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

### «Ene eli – em, dili – melhem»

Bizi dünýä inderen, mähri bilen çoýup, şirin hüwdüsi bilen kemala getiren eziz enelerimize bagyşlanyp döredilen bu nakylda enäniň mukaddesligi beýan edilýär. Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde: «Em – kesel bejerýän serişde, derman; Melhem – em; däri-derman» diýlip düşündiriş berilýär. Bu nakylda enäniň eliniň çaga üçin emdigi, ýagny ene eliniň degen ýerinde dertdir keseliň galmaýandygy, tiz wagtda sagalýandygy, enäniň sypan başyna gowganyň gelmeýändigi beýan edilýär. Gaýgy-gamly, aladaly ynsana bolsa enäniň dilinden çykýan süýji sözleriň dermandygy, güýç-kuwwatdygy aýdylýar. Bu nakyla ugurdaş äheňde «Perzende ata gorgan, ene – gurban», «Ata sözi hikmet, ene sözi rehmet» ýaly pähimleri mysal getirmek bolar.



### Özüň ýasa!



### Sanlary birleşdiriň we reňkläň!



### 10 tapawudy tapyň!



### Labirint



# Teatr – durmuşymyň iň uly parçasy

*Türkmenistanyň at gazanan artisti Gülälek Akmyradowa sahnalardaky we filmlerdäki dürli keşpleri bilen giňden tanalýar. Ol 20 ýyldan gowrak wagt bäri Türkmenistanyň Baş akademiki drama teatrynyň aktrisasy bolup zähmet çekýär. Soňky ýyllarda ol teatr režissýory hünärinde hem özüni synap görýär. Gülälek özüni ilkinji nobatda teatr artisti hasaplaýar. Oňa teatrda iň gowy keşpleriň onlarçasyny ýerine ýetirendigi üçin hem-de Garaşsyz Türkmenistanyň milli teatr sungatyny ösdürmekde we halk köpçüligine ýaýmakda bitiren hyzmatlary göz öňünde tutulyp, 2008-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy. Şeýle hem ol «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XX ýyllygyna» atly ýubileý medalynyň eýesi, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijisidir. Golaýda biz özüniň tebigydan owadan sesi bilen tanalýan ruhubelent zenan Gülälek Akmyradowa bilen söhbetdeşlik guradyk.*

**– Gülälek, söhbetdeşligimiziň başyny şu sowaldan başlasak ýerlikli bolarmyka diýýärin. Siziň aktrisa bolmak baradaky kararyňyza kimdir biriniň täsiri boldumy?**

– Çagalygymdan gyzlaryň köpüsi ýaly arzuwçyldym. Ejemiň okaýan çeper eserleri mende edebiýata bolan çynlakaý höwes döretdi. Şeýlelikde, mekdebi tamamlap Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetine okuwa girmäge synanyşdym. Dogrusy, meniň ol synanyşygym şowsuz boldy. Ýöne durmuşymyň şol şowsuzlygy arkaly täze maksatlara tarap ýol açyldy. Elbetde, artist bolmak baradaky maksadymda ejemiň hyzmaty uly. Men okuwçy döwrümde-de mekdepde geçirilýän döredijilik çärelerine işjeň gatnaşýardym. Edebiýat, sungat, žurnalistika we mugallymçylyk bilen deň derejede gyzyklanýardym. Meniň bu meýillerimi ejem makullaýardy. Ejem Aýnabat geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynda Marydaky mugallymçylyk mekdebinde okaýan döwürleri, Mary etrabynyň medeniýet öýündäki gurnaga gatnapdyr. Şol döwürde ejem wokal aýdymlary aýdyp, medeni çäreleriň alypbaryjysy hökmünde tanalypdyr. Ejem nahar taýynlaýan ýa-da bir işe güýmenen wagty ýuwaşjadan hiňlenende, mahmal owazy hiç kimi biparh goýanokdy. Jigilerimi ýatyranda aýdýan hüwdüleri hem özboluşlydy... Biraz gamgyndy... Indi-indiler ejemiň owazynda, arzuwlarynyň zarynyň bolandygyna düşünýärin. Göwnüme bolmasa, ejem maňa öz arzuwlaryny miras goýup giden ýaly duýgulary başdan geçirýärin.

**– Türkmen döwlet medeniýet institutynda okan döwrüňizde haýsy halypalardan tälim aldyňyz?**

– Talyplyk ýyllary ynsanyň iň bagtly günleridir. Biziň kämillige barýan ýolumyzda Türkmenistanyň halk artisti Oguldurdy Mämmetgulyýewa, «Aktýoryň ussatlygy» sapagyndan tälim beren Türkmenistanyň kinematografiýa birleşiginiň agzasy, kinorežissýor, ssenariçi Öwlüýäguly Kulyýew, kinorežissýor Durdy Nyýazow, sahna ussady, Türkmenistanyň at gazanan artisti Oguljan Nyýazberdiýewa dagynyň aýratyn zähmetleri bar. Çünki olar öz ýörelgelerinde berk durýan, talapkär mugallymlardy, olaryň eden talaplary bize diňe ýagşylyk bolup dolandy.

**– Talyplyk ýyllaryňyz sapakda ýerine ýetiren keşbiňiziň haýsysy ýadyňyzda galdy?**

– Ýadymda galan wakalaryň biri, 2-nji ýyl talypdym. Bir gün men sapakda haýsydyr bir zenanyň içgepletmesini keşbe girip beýan etmelidim. Men şonda öz durmuşymda emele gelen ýagdaý arkaly gahrymanyň keşbini ýüze çykarmakçy bolanymda, monologymy ünsli diňläp oturan mugallymymyz Oguldurdy Mämmetgulyýewa: «Ýok, bul-a bolmady. Bu janlandyran keşbiň seniň özüň ýaly-la, maňa sen däl, gahrymanyň içki dünýäsi gyzykly. Sen bar, ol ýok. Hany ol?» diýip, soragly nazaryny maňa gönükdiripdi.

**– Teatrda döredijilik ýoluna düşeniňizden soň, haýsy sahna oýnuna gatnaşdyňyz. Elbetde ähli zadyň başy näbellilikden başlanansoň, size-de birbada ýeňil düşen däl bolsa gerek.**

– 1998-nji ýylda Türkmen döwlet medeniýet institutynyň drama we kino aktýory bölümini tamamlap, şol ýyl ozalky Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynda döredijilik ýoluna düşdüm. Teatrda turuwbaşdan ussat režissýor, Türkmenistanyň halk artisti Täçmämmet Mämmetweliýew bilen işleşmek miýesser etdi. Men bu teatrda ilkinji gezek «Gala» spektaklynda köpçülik sahnasynda çykyş edipdim. Şol wakanyň ýyly, aýy, güni, sagadyna çenli ýadymda. Ilkinji gezek uly artistler bilen mukaddes sahna çykmak, olaryň keşpdäki durmuşyny ýakyndan synlamak, indi görüp otursam, durmuşymyň aýgytly sahypalarynyň biri eken. Şonda mugallymyň gahrymanyň dünýäsi barada aýdanlary ýüregime jüňk boldy. Şol gün sahnada meniň tanaýan artistlerimden nam-nyşan ýokdy. Diňe keşplerdäki gahrymanlar bardy. Şeýlelikde, meniň durmuşymda täze döwür başlap, milli dramaturgiýanyň we dünýäniň nusgawy eserlerinden sahnalaşdyrylan spektakllarda maňa birnäçe keşpleri ynanyp başladylar. Ajaýyp eserler bilen dünýä döwletleriniň onlarçasynyň sahnalarynda çykyş etdik. Şol sahnalarda türkmen diliniň şirinligi bilen dürli gahrymanlara jan berdik.





**– Ozalky Mollanepes teatryndan başlan zähmet ýoluňyz indi durmuşyňyzda 20 ýyldan gowrak wagt bäri dowam edýär. Ady rowaýata öwrülen bu teatryň meşhur sahna ussatlarynyň başda sizi nähili garşylandyklary barada gürrüň beräýseňiz?**

– Ýaş artist hemişe gaty seresaplylyk bilen kabul edilýär, menem şeýle aktrisalaryň hataryndadym. Islendik kärde-de täze işgäriň peýda bolmagy halypalarda gyzyklanma döredýän bolmaly. «Bu gelen kim? Biziň ýolumyzy dowam etdirip biljekmi ýa-da orta ýolda yzyna gaýtjakmy? Ukyp-başarnygy, zehini nähilikä? Häsiýet babatda neneňsi?». Garaz, şu kysmy sowallary halypalaryň gabat gelen ýerlerinde, olaryň gözlerinden okaýardym. Elbetde topardaky halypalar tötänden bolaýan säwliklere sabyrly bolsalar-da, talabediji sahna ussady, Türkmenistanyň halk artisti Ýelizaweta Garaýewa ýaly ägirtleriň içiňden parran geçip gidýän içgin bakyşlary şu günki ýaly ýadymda. Ýöne her niçikde bolsa, olar sungat adamlary bolansoň, dözümsiz bolup, elmydama özboluşly, ugurtapyjylygy bilen göwnümize degmän düşündirýärdiler. Olar hiç wagt hem özleriniň halypadygyny görkezjek bolup çytraşmaýardylar. Islendik wagt kömege taýyndylar. Has takygy, halypalar ýaşlardan bir zat talap etseler, diňe halypanyň derejesinde talap edýärdiler.

**– Gülälek, men teatryň repertuary bilen tanyşdym welin, siz köp sanly spektaklda esasy keşpleri ýerine ýetiripsiňiz. Bularyň ählisi dürli häsiýetdäki zenanlaryň keşplerini açmaga, siziň drama artisti bolup kämilleşmegiňize ýardam berendir diýip pikir edýärin. Şu ýerde ýene bir sowal bizi gyzyklandyrýar, geçen asyryň 50-nji ýyllarynda ýazylan käbir pýesalaryň häzirki döwre nädereje laýykdygy, häzirki ýaş nesillere näderejede düşnüklidigi barada gürrüň berseňiz?**

– Toparymyzyň sahnalaşdyrýan pýesalarynyň möwritini geçirýän sahna oýunlar däldigini, hiç haçan könelmeýän täze sahna oýunlarydygyny belläsim gelýär. Has irki döwürlerde ýazylan dünýä belli nusgawy eserlerden hem sahna oýunlary goýulýar. Teatr – duýgularyň mesgeni. Bu ýerde pikirden hem öňde duýgy çöşlenilýär. Mysal üçin, ynsanyň içki duýgularyny inçelik bilen yzarlaýan söýgi temasy hiç wagt könelmez. Tomaşaçy sahnadan özüne gerekli zady alýar, oňa özüçe baha berýär, zerur halatynda öz durmuşynda ulanýar. Men ol sahna oýunlarynyň hiç haçan hem öz gymmatyny ýitirmejekdigine ynanýaryn.

**– Haýsy keşpleri oýnamak isleýäňiz?**

– Keşbiň gowudygyny ýa-da erbetdigini doly aýdyp bolmajak mahaly has-da gyzykly. Dogrusy, maňa ykbaly çylşyrymly adamlaryň keşbini oýnamak has gyzykly.

**– Edebiýat bilen sahnanyň arabaglanyşygy barada aýdaýsaňyz?**

– Edebiýat we sungat her bir adamyň durmuşynda aýratyn orun eýeleýär. Hatda jemgyýetiň durmuşyny edebiýatsyz we sungatsyz göz öňüne getirip bilmeris. Edebiýat söz sungaty bolup, olar arkaly sahna eserleri döredilýär. Sahna üçin niýetlenip ýazylan eserler bizi durmuşa atarýar, öwredýär we ondan özümiziň iň näzik ruhy duýgularymyzy tapýarys. Edebiýat durmuşa akyl ýetirmäge kömek edýän bolsa, sahna olary janlandyrýar. Ýazyjy öz pikirini, duýgularyny we dünýägaraýşyny ýüze çykaryp, okyja täsir etmek üçin edebi eserleri döredýär. Režissýoryň esasy maksady hem şundan ybarat. Sahna bilen edebiýat bir-biri bilen özara baglanyşykly bolup, olaryň biri beýlekisine has çuňňur düşünmäge mümkinçilik berýär. Has takygy, sungatlar bir-birine geçip, olaryň bir görnüşi özüniň dowamatyny we üstüniň ýetirilmesini beýleki bir sungatda ýüze çykarýar. Durmuş bilen bile dörän bu iki ugur biri-biri bilen aragatnaşykda durmuşyň dürli wakalaryny we adamlaryň içki duýgularyny ýüze çykarýar.

**– Söýüp okaýan ýazyjy-şahyrlaryňyz barmy?**

– Özüme hem-de töweregimdäki dünýä düşünmäge kiçijigem bolsa kömek edýän eserleri okamagy has gowy görýärin. Köplenç Magtymgulynyň, Gurbannazar Ezizowyň goşgularyny, daşary ýurt ýazyjylaryndan liwan-amerikan ýazyjysy Jebran Haliliň, awstriýaly ýazyjy Stefan Sweýgiň eserlerini okaýan.

**– Siziň gatnaşmagyňyzda belli bir döwürlerde birnäçe filmler hem surata düşürilip tomaşaçylara ýetirildi. Olaryň içinde haýsy keşp siziň göwnüňizden turdy?**

– Dogrusy, filmlerdäki keşplerimi gutarnykly hasap edemok, has gowy edip bolardy diýip pikir edýärin. «Şa geňeşiniň öň ýany» filminde gahryman gelniň başdan geçirýän wakalary gaty gyzykly hem tolgundyryjy bolupdy...

**– Meniň pikirimçe, siz harby durmuş bilen baglanyşykly filmde ýerine ýetiren keşbiňiz bilen köpleriň ýadynda galdyňyz. «Kasam edýäris» filminde siz kiçi leýtenant Döwletowanyň keşbini ýerine ýetireniňiz ýadymda...**

– Bu filmde surata düşmek üçin menden başga-da birnäçe gyz çagyrylypdy, biz bu filmi surata düşürmek üçin daga gidipdik, şol ýerde meýdan şertlerinde ýaşap, harby tälimler bilen meşgul bolup, daga dyrmaşmak üçin alpinistlerden sapak alypdyk.

**– Kinodaky wakalaryň durmuşyňyza täsirini ýetiren halatlary boldumy?**

– Aslynda, her keşp bir yz goýýar. «Kasam edýäris» filminden soň, harby gyzlar ýaly tutanýerli, dogumly häsiýetler mende-de kemala gelen ýaly boldy. Iň soňky düşen «Zybagözel» atly filmden soň biraz ýumşadym öýdýän. Sebäbi filmdäki rowaýata çalymdaş wakada Zybagözeliň ejesi – meniň keşbimiň gahrymany şeýle ýumşak häsiýetli zenan. Ýanýoldaşy şol bir ýumşy näçe gezek buýursa-da, ol şonça gezek gaşyny çytman ýerine ýetirýär.

**– Sahnada ýa-da filmde, esasan, kimiň pikiri möhüm rol oýnaýar?**

– Eseri düzmäge gatnaşýan adamlaryň ählisiniň pikirini hormatlamak hemmeleriň borjy. Ýöne, esasy söz režissýoryňky. Ýazyjy haýsam bolsa bir pikiri orta atyp, eser ýazýar. Režissýor ýazyjynyň eserdäki öňe sürýän ideýasyny nähili ýol bilen nirä çenli alyp gitmelidigini kesgitleýär. Artist bolsa, şol pikirleri jemläp, özünem goşup, keşp döredýär. Haýsy artistiň öz pikiri, söýgüsi çuň bolsa, şonuň keşbi hem täsirli bolýar. Keşpleriň jemlenmesinden hem sahna oýny emele gelýär.

**– Geljekki meýilnamalaryňyz barada hem durup geçseňiz?**

– Häzirki wagtda men meşhur britan dramaturgy Piter Şefferiň «Amadeý» atly pýesasyny tanymal terjimeçi Çary Geldimyradowa terjime etdirip, öz iş meýilnamama goşdum. Eger-de ähli zat ugruna bolsa, onuň geljekde şowly sahna eserleriniň biri boljakdygynyna ynamym uly.

**– Häzire çenli siziň režissýorlygyňyzda haýsy sahna oýunlary tomaşaçylara hödürlendi?**

– Häzire çenli dramaturg Gowşutgeldi Daňatarowyň «Ýşgyň gämisi», rus ýazyjysy Anton Çehowyň «Aýy» pýesasy esasynda sahnalaşdyrylan adybir sahna eseri, iňlis dramaturgy Wilýam Şekspiriň «Romeo we Julýetta», dramaturg Taňryberdi Hojakgaýewiň «Wah, siz aýallar...» sahna oýunlarynda özümi režissýor hökmünde synap gördüm. Olar giň halk köpçüligine hödürlendi. Tomaşaçylarymyz halan bolsalar zähmetimiziň ýerine düşdügi bolardy.

**– Gülälek, siziň bilen söhbetdeşlik gaty gyzykly boldy. Şeýle gyzykly söhbetdeşlik üçin okyjylaryň adyndan köp sagbolsun aýdýarys. Teatrda, kinoda, teleradioýaýlymlardaky çykyşlaryňyzda üstünlik arzuw edýäris.**

– Sag boluň!

*Söhbetdeş bolan*
**Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.**
*«Zaman-Türkmenistan».*



## 13-nji KROSSWORD

**Äşe KERIMOWA,** *Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Çybyna meňzeş möjejik. **2.** Meşhur sport egin-eşik brendi. **3.** Hijri-kamar hasabynda aýlaryň biri. **4.** «Dana bir söz bes, ... müň söz hebes» (nakyl). **5.** Gumda bitýän maýda pürli, gür şahaly gyrymsy agaç. **6.** Bokurdakly gaplaryň agzyna dykylýan agyzýapy. **7.** Totynyň bir görnüşi. **8.** Gadymy Müsür hökümdary. **15.** Çal reňkli, iri ýaprakly dik ösýän haşal ot. **16.** Ussat ýazyjy Hydyr Derýaýewiň bir romany. **17.** «Badam ..., alma ýaňak, bir zyba senem islärin» (Magtymguly). **18.** «Özi bir dana gözel, sallanyp messan gezer, waspyňny illerge aýtsam, haýsy aşyklar ...» (Gaýyby). **19.** Energiýa sintezi prosesleri üçin erkin molekulýar kisloroda mätäç organizmler. **20.** «... güne ýaryş ýok» (nakyl). **21.** Gymmatly metal. **27.** Haýsy-da bolsa arasyndan biri, käsi. **28.** Alça meňzeş miwe. **30.** Bir ýeriň gutarýan ýeri, aýak tarapy. **31.** Okuw dersinden alynýan pes baha. **33.** Ýurdumyzda çap edilýän neşirleriň biri. **34.** Beýik bina. **36.** ...-kanun. **37.** Suwuň akýan ugry.

● **KESELIGINE:** **2.** Dürli ýüpden işilen bag. **5.** Ölçeg birligi. **9.** Himiki element. **10.** «... kesbi □ ogla halal» (nakyl). **11.** Meýdanda ýaz aýlary gögerýän, kertik ýapraklary bişirilip iýilýän ot. **12.** Oglan ady. **13.** Isleg, arzuw (köne söz). **14.** Gyzan howa, jöwza. **17.** Nagyş salmak üçin owunjak sanjylyp tikilýän tikiniň bir görnüşi. **20.** Pul birligi. **22.** Meşhur awtoulag kompaniýasy. **23.** Özüňi oňat alyp barş, sypaýylyk. **24.** Haryt satylýan we satyn alynýan ýer. **25.** Eliň iç ýüzi. **26.** «... özüňe bas, ötmese □ keseкä» (nakyl). **27.** Tipografik şriftiň ölçeg birligi. **29.** Atlantik ummanynyň basseýniniň çetki ýarymýapyk deňzi. **32.** «Sen bir jadygöý sen, giden bir ..., özüň bilen ýazlaşdyrýadyň ynsany» (Gurbannazar Ezizow). **35.** Ýaýylyp kesilen hamyryň içine et, ýumurtga ýa-da gök önümler salnyp, gaýnadylyp bişirilýän nahar. **37.** Ýurdumyzyň syýahatçylyk zolagy. **38.** Dermanlyk ösümlik. **39.** Sahnada ýerine ýetirilýän keşp. **40.** Anha, hanha. **41.** «Umyt □ güýç, güýç □ ...» (nakyl). **42.** Boý, syrat (köne söz).

8-nji skanwordyň jogaby:



12-nji krosswordyň jogaby:






## 9-njy SKANWORD

**Ýazgül MÄMMEDOWA,** *Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Bir sözlemde...

Tennis boýunça Meksikanyň Akapulko şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Meksika Açyk» çempionatynda awstraliýaly Aleks de Minaur çempion bolup, ol finalda amerikaly Tommi Poldan 3:6, 6:4, 6:1 hasaplar bilen üstün çykdy we 7-nji kubogyny gazandy.

Çiliniň paýtagty Santiagoda erkekleriň arasynda geçirilen «Çili Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda ýerli tennisçi Nikolas Jerri bilen argentinaly Tomas Martin Etçewerri duşuşyp, olaryň birinjisi 6:7, 7:6, 6:2 hasaplar esasynda ýeňiş gazandy (2-nji çempionlygy).

Meksikanyň Monterreý şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Monterreý Açyk» tennis ýaryşynda horwatiýaly Donna Wekiç çempion bolup, ol finalda fransiýaly Karoline Garsiýany 6:4, 3:6 we 7:5 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi hem-de WTA-daky 4-nji kubogyny eýeledi.

ABŞ-nyň Ostin şäherinde geçirilen «ATX Açyk» zenanlar tennis bäsleşiginiň finalynda russiýaly Warwara Graçewadan 6:3 we 7:5 hasaplar bilen üstün çykan ukrainaly Marta Kostýuk karýerasyndaky ilkinji çempionlyk kubogyny asmana göterdi.



## 3 hepdeden bäri çempionlyk gazanyp gelýär

**Mundan 2 hepdä golaý öň «Duty Free Katar Açyk» tennis ýaryşynda çempionlyk gazanan russiýaly Daniil Medwedew bu gezek Dubaý Tennis bäsleşiginde ýeňiji boldy. 27 ýaşyndaky tennisçi finalda geçen ýylyň çempiony, watandaşy Andreý Rublewden 6:2 we 6:2 hasaplar bilen üstün çykmagy başardy. Medwedew umumy baýrak gaznasy 3 million dollardan ýokary bolan bu ýaryşyň ýarym finalynda sanawyň 1-nji belgilisi Nowak Jokowiçi ýeňipdi. Şeýlelikde, bu ýeňiş onuň ATP ýaryşlaryndaky bassyr 3-nji çempionlygy bolup, ol 19-njy fewralda Rotterdamda, 25-nji fewralda-da Dohada çempionlyk gazanypdy. ATP-niň sanawynda 6-njy orunda barýan Medwedew 4-nji martda-da Dubaýda ýeňiji bolup, karýerasyndaky 18-nji kubogyny asmana göterdi.**

### ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:

***10-njy mart:*** Soçi—Orenburg (21:00), Spesiýa—Inter (00:45), Lill—Lion (01:00).

***11-nji mart:*** Bornmut—Liwerpul (17:30), Real Madrid—Espanýol (18:00), Leipsig—Borussiýa M (19:30), Bawariýa—Augsburg (19:30), Lester—Çelsi (20:00), **Napoli—Atalanta (22:00)**, K. Palas—Man. Siti (22:30), **Şalke—Borussiýa D (22:30),** Brest—PSŽ (01:00).

***12-nji mart:*** Trabzonspor—Adana Demirspor (18:00), M. Ýunaýted—Southempton (19:00), **Fulham—Arsenal (19:00),** Istanbul BŞ—Beşiktaş (21:00) Monako—Reýms (21:05), Werder—Baýer (21:30), Wilýarreal—Betis (22:30), Wolfsburg—Union Berlin (23:30), Ýuwentus—Sampdoriýa (00:45), Marsel—Strasbur (00:45), Atletik Bilbao —Barselona (01:00).

***13-nji mart:*** Milan—Salernitana (00:45).

# Ýeňil atletika çempionaty tamamlandy

Ýeňil atletika boýunça Türkiýäniň Stambul şäherinde ýapyk desgada geçirilen 37-nji Ýewropa çempionaty tamamlandy. 4 günläp dowam eden çempionatda medal sanawynda norwegiýalylar öňe saýlanyp, olar 4 altyn, 1 kümüş medal gazandylar. 2–3-nji orunlary 3 altyn medal bilen Niderlandlar hem-de Beýik Britaniýa paýlaşdy.

60 metre ylgamakda italiýaly Samuele Çekkarelli watandaşy, soňky çempion Marsel Ýakobsdan öň gelip, altyn medala mynasyp boldy. Ol 6,48 sekuntda ýaryşy tamamlady. 400 metrde ýeňil atletikanyň täze ýyldyzlaryndan norwegiýaly Karsten Warholm 45,35 sekuntda pellehana gelip, ýeňiş gazanmagy başardy. 800 metrde ýeňiş ispaniýaly Adrian Beniň tarapynda bolup, ol 1 minut 47,34 sekuntlyk görkeziji bilen fransiýaly Benžamin Robertden hem-de belgiýaly Elliot Krestandan öňe saýlandy. 1500 metr we 3000 metr ylgawlarda ýene-de norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen ýeňiş gazandy. 22 ýaşyndaky türgen mundan öňki çempionatda-da iki ýaryşda hem altyn medala mynasyp bolupdy. Ol Stambuldaky bäsleşikde 1500 metrde 3 minut 33,95 sekuntlyk netije bilen çempionatyň rekordyny, 3000 metrde-de 7 minut 40,32 sekuntlyk görkeziji bilen milli rekordy täzeledi. Ýakob Ingebrigtsen 3000 metr ylgawda bassyr 3-nji gezek altyn medaly boýnuna dakdy. Päsgelçilikli 60 metrde şweýsariýaly Jeýson Ýosef ýeňiji boldy (7,41 sekunt). 4x400 metr estafeta ylgawynda-da belgiýaly ylgaýjylar altyn medaly eýelediler.

Beýiklige bökmekde Niderlandlardan Douw Amels (2,31 metr) altyn, 2,29 metr beýige böken Andreý Prosenko (Ukraina) kümüş, Tomas Karmoý (Belgiýa) bürünç medala mynasyp boldy.



Ýakob Ingebrigtsen

Syrykly bökmekde altyn medaly Sondre Guttormsen eýeläp, bu ugurda ilkinji gezek norwegiýaly türgen ýeňiş gazandy. Gresiýaly Emmanuil Karalis hem-de çehiýaly Piotr Lisek ikisi kümüş medaly paýlaşdylar. Medal gazanan türgenleriň üçüsi hem 5,80 metr beýige bökdi. Uzynlygyna bökmekde ýene-de gresiýaly Miltiadis Tentogla taý tapylmady. 8,30 metre böken Tentoglu bassyr



Miltiadis Tentoglu



Pedro Pablo Pikardo



Lieke Klawer bilen Femke Bol



Nafissatu Tiam



Wilma Murto



Ýaroslawa Mahuçih, Katerina Tabaşnyk

3-nji gezek altyn medala mynasyp boldy. Üçürdikläp bökmekde-de çempion üýtgemedi. Portugaliýaly Olimpiýa çempiony Pedro Pablo Pikardo milli rekordy täzeläp (17,60 metr), altyn medaly gazanmagy başardy. Gülle iteklemekde italiýaly Zane Weir münberiň çür depesine çykdy. Heptatlonda (7 görnüşli) fransiýaly Kewin Maýer bassyr 2-nji, umumylykda 3-nji çempionlygyny gazandy.

### FEMKE BOL 2 ALTYN MEDAL GAZANDY

Zenanlaryň arasyndaky 60 metr ylgawda şweýsariýaly türgen Mužinga Kambundži ýeňiş gazanyp, ol çempionatyň 37 ýyllyk rekordyny gaýtalady (07,00 sekunt) we altyn medala mynasyp boldy. 400 metre ylgamakda dünýä rekordynyň eýesi niderland Femke Bol watandaşy Lieke Klawerden we polşaly Anna Kielbasinskaýadan öňe saýlanyp, ýapyk desgada yzly-yzyna 2-nji Ýewropa çempionlygyny gazandy. 800 metre ylgamakda-da çempionyň ady üýtgemedi. Bir hepde öň 21 ýaşyny dolduran britaniýaly Kili Hodjkinson 1 minut 58,66 sekuntda ýaryşy tamamlap, altyn medala mynasyp boldy. 1500 metrde başga bir britaniýaly zenan ýeňiş gazanyp, Laura Muir 2017-nji we 2019-njy ýyllardan soň 3-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. 3000 metr ylgaw bäsleşiginde ýeňiş münberiniň ilkinji iki basgançagyna germaniýaly türgenler çykyp, Hanna Klein altyn, Konstanze Klosterhalfen 2019-njy ýyldan soň 2-nji gezek kümüş medal bilen oňňut etmeli boldy. Päsgelçilikli 60 metre ylgamakda finlýandiýaly Reetta Hurske garaşylmadyk ýagdaýda çempionlyk gazandy. Ol soňky 2 ýaryşyň çempiony Nadine Wisserden hem-de şweýsariýaly Ditaý Kambundžiden (60 metrde çempion bolan Mužinaga Kambundžiniň jigisi) öňe saýlandy. 7,79 sekuntda pellehana gelen Hurse ýurdunyň rekordyny hem täzeledi. 4x400 metr estafeta ylgawynda-da Femke Bol hem-de Lieke Klawer dagydan düzülen Niderlandlaryň zenanlar ýygyndysy bassyr 2-nji gezek altyn medaly eýelemegi başardy.



Kili Hodjkinson

Beýiklige bökmekde altyn medaly ýene-de ukrainaly Ýaroslawa Mahuçih gazanyp (1,98 metr), ol 2021-nji ýylda Polşada-da çempion bolupdy. Bu ugurda Niderlandlardan Britt Weerman 2-nji, ukrainaly Katerina Tabaşnyk 3-nji orny eýeledi. Syrykly bökmekde finlýandiýaly Wilma Murto açyk meýdançadan soň ýapyk desgada hem Ýewropanyň çempiony boldy. Uzynlygyna bökmekde britaniýaly Jazmin Sowýers altyn medal gazanyp, ol 7 metre bökmegi başardy. Bu ugurda italiýaly Larissa Ýapiçino kümüş, yklymyň 3 gezek çempiony Iwana Wuelta bürünç medala mynasyp boldy. Üçürdikläp bökmekde-de ýer eýelerinden türkiýeli Tugba Danyşmaz ýeňiş gazandy. Ol ylgaw ýaryşlaryndan daşgary ýeňil atletikanyň meýdançada geçirilýän bäsleşiklerinde çempionlyk gazanan ilkinji türkiýeli türgen boldy. 2021-nji ýylyň çempiony portugaliýaly Patrisia Mamona bu gezek bürünç medal gazandy. Gülle iteklemekde portugaliýaly Auriol Dongmo bassyr 2-nji gezek çempion diýen ady eýeledi. Pentatlonda (5 görnüşli) belgiýaly Nafissatu Tiam soňky 4 ýylda 3-nji gezek altyn medala mynasyp boldy. Ol 5055 utuk toplap, çempionlygyň üstüni dünýä rekordy bilen ýetirdi. Bu ugurda 2-nji ýeri eýelän polşaly Adrianna Sulekiň toplan 5014 utugy-da ozalky dünýä rekorddan ýokary boldy.

Çempionatda jemi 21 ýurduň türgeni azyndan 1 görnüş medal gazandy. Şolardan 14-si azyndan 1 altyn medala mynasyp boldy. Polşaly ýeňil atletikaçylar çempionaty 4 kümüş, 3 bürünç jemi 7 medal bilen tamamladylar. Çempionatda norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen bilen niderland Femke Bol 2 altyn medal gazanyp, ýaryşyň ýyldyzy boldular. Ýeňil atletika boýunça ýapyk desgadaky indiki Ýewropa çempionaty 2025-nji ýylda Niderlandlaryň Apeldorn şäherinde geçiriler.

# Çempion täze möwsüme ýeňiş bilen başlady

Formula 1 boýunça täze möwsümiň ilkinji ýaryşy Bahreýnde geçirilip, soňky 2 ýylyň çempiony Maks Werstappen ýeňiş gazandy. «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi ilkinji hatardan başlap, ol 57 aýlawy 1 sagat 33 minut 56,736 sekuntda tamamlamagy başardy. Karýerasyndaky 36-njy ýeňşini gazanan Werstappenden soň meksikaly Serio Peres 2-nji ýeri eýeledi. Ol topardaşyndan 11,987 sekunt gijä galdy. Münberiň üçünji basgançagyny tamamlaýan sürüji-de «Aston Martin» toparynyň ispaniýaly weteran piloty Fernando Alonson boldy. Ol ýeňijiden 38,637 sekunt yza galyp, täze toparyndaky ilkinji ýaryşynda 3-nji ýeri eýeledi we karýerasy boýunça 99-njy gezek ýeňiş münberine çykdy. «Ferrari» toparyndan Karlos Saýns Junioryň 4-nji bolan ýaryşynda «Mercedes» toparynyň sürüjileri Lýuwis Hamilton 5-nji, Jorj Rassell 7-nji ýeri eýeledi. «Aston Martin» toparynyň kanadaly sürüjisi Lans Stroll bäsleşigi 6-njy orunda tamamlap, 8 utuk gazandy. Çempionlygyň dalaşgärlerinden «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler 39-njy aýlawda ulagynda ýüze çykan näsazlyk sebäpli ýaryşy tamamlap bilmedi.



Formula 1 boýunça möwsümiň 2-nji ýaryşy 19-njy martda Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçiriler.






## Tokioda Gelmisa bilen Wanžiru ýeňiş gazandy

**Dünýäniň 6 uly marafon ýaryşynyň biri bolan Tokio marafonynda efiopiýaly hem-de keniýaly türgenler ýeňiş gazandy. 16-njy gezek geçirilen marafonda erkekleriň arasynda efiopiýaly Deso Gelmisa 2 sagat 5 minut 22 sekuntda pellehana geldi. Onuň bilen deň netije görkezen watandaşy Mohamed Esa millisekunt aratapawudy bilen 2-nji orny, 2 sagat 5 minut 25 sekuntda ýaryşy tamamlan başga bir efiopiýaly türgen Tsegaýe Getaçew 3-nji ýeri eýeledi.**

**Zenanlaryň arasynda keniýaly Rozemari Wanžiru ýeňiji boldy. 28 ýaşyndaky türgen 42,195 kilometr aralygy 2 sagat 16 minut 28 sekuntda geçip, karýerasyndaky ilkinji marafon ýeňşini gazandy. Efiopiýaly Tsehaý Gemeçu hem-de Aşete Bekere 2–3-nji orunlara mynasyp boldular. Gemeçu ýeňijiden 28 sekunt, Bekere bolsa 2 minut 43 sekunt yza galdy.**

# «Mançester Ýunaýted» 92 ýyldan soň 7 gol geçirtdi

Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada» 26-njy tapgyryň merkezi oýnunda taryhy netije hasaba alyndy. «Liwerpul» topary öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtedi» 7–0 hasabynda ýeňip, güýçli garşydaşyny derbi-dagyn etdi. «Liwerpula» ýeňiş getiren gollary Gakpo (43, 50), Nunýes (47, 75), Salah (66, 83) hem-de Firmino (88) geçirdi. Duşuşykda 2 gol geçirip, 2 goluň pasyny beren Mohamed Salah «Liwerpulyň» çempionat «Premier Liga» adyny alanyndan soňky iň netijeli futbolçysy boldy. Şeýle-de, «Mançester Ýunaýted» 92 ýyldan soň, ýagny 1931-nji ýyldan bäri ilkinji gezek bir oýunda 7 gol geçirtdi. Bu duşuşyga çenli «Mançester Ýunaýted» 3 gezek — 1926-njy ýylda



«Bläkbörnden», 1930-njy ýylda «Aston Willadan» hem-de 1931-nji ýylda «Wulwerhemptondan» 7–0 hasaplar bilen utulypdy. «Liwerpul» bolsa 2016-njy ýylyň dekabryndan bäri çempionatda öz meýdançasynda 1-nji ýarymyny öňde tamamlanan hiç bir duşuşygynda ýeňilmän gelýär.




### PREMIER LEAGUE (26) – 31 gol

**M. Siti—Nýukasl: 2–0** (Foden 15, B. Silwa 67), **Wulwerhempton—Tottenham: 1–0** (Traore 82), **Çelsi—Lids: 1–0** (Fofana 53), **Braýton—West Ham: 4–0** (Makkalister 18 p, Weltman 52, Mitoma 69, Welbek 89), **A. Willa—K. Palas: 1–0** (Anderson 27 ö.d.), **Arsenal—Bornmut: 3–2** (Parti 62, Waýt 70, Nelson 90+8 — Billing 1, Senesi 57), **Southempton—Lester: 1–0** (Alkaras 35), **Nottingam—Ewerton: 2–2** (Jonson 19, 77 — Greý 10, Dukure 29), **Liwerpul—M. Ýunaýetd: 7–0** (Gakpo 43, 50, Nunýes 47, 75, Salah 66, 83, Firmino 88), **Brentford—Fulham: 3–2** (Pinnok 6, Touni 51 p, Ýensen 85 — Solomon 39, Winisius 90+9)

### LA LIGA (24) — 19 gol

**Real Sosiedad—Kadiz: 0–0, Hetafe—Žirona: 3–2** (Ünal 2, 14 p, Maýoral 43 — Kastelýanos 54, Gutierres 80), **Almeriýa—Wilýarreal: 0–2** (Moreno 76, Morales 88), **Malýorka—Elçe: 0–1** (Boýe 88), **Atletiko—Sewilýa: 6–1** (Depaý 23, 26, Grizmann 53, Karrasko 69, Morata 76, 90+2 — En-Nesiri 39), **Walýadolid—Espanýol: 2–1** (Iwan Sançes 25, Aguado 62 — Breýtweýt 87), **Raýo Wallekano—Atletik: 0–0, Barselona—Walensiýa: 1–0** (Rafinýa 16), **Betis—Real Madrid: 0–0, Osasuna—Selta: 0–0**

### SERIE A (25) — 16 gol

**Napoli—Lasio: 0–1** (Wesino 67), **Monza—Empoli: 2–1** (Çurria 19, Izzo 67 — Satriano 51), **Atalanta—Udineze: 0–0, Fiorentina—Milan: 2–1** (Gonzales 49 p, Ýowiç 87 — Hernandes 90+5), **Spesiýa—Werona: 0–0, Sampdoriýa—Salernitana: 0–0, Inter—Leççe: 2–0** (Mhitarýan 29, Martines 53), **Roma—Ýuwentus: 1–0** (Mançini 53), **Sassuolo—Kremoneze: 3–2** (Loriýan 26, Frattezi 41, Baýrami 90+2 — Dessers 62, 83), **Torino—Bolonýa: 1–0** (Karamo 22)

### LIGUE 1 (26) — 23 gol

**Nissa—Oser: 1–1** (Lýabord 45+1 — Eýn 36), **Lans—Lill: 1–1** (Fonte 41 ö.d. — Dewid 69), **PSŽ—Nant: 4–2** (Messi 12, Hadjam 17 ö.d., Danilo 60, Mbappe 90+2 — Blas 31, Ganago 38), **Trua—Monako: 2–2** (Kuame 31, Ugbo 90+1 — Ben Ýedder 81, 85), **Monpelie—Anže: 5–0** (Hazri 2, Sawanie 25 p, 51, Mauassa 45+1, Wai 73), **Reýms—Aýaçço: 1–0** (Kaýuste 90+5), **Strasbur—Brest: 0–1** (Onora 45+1), **Tuluza—Klermon: 0–1** (Haui 76), **Lion—Loriýan: 0–0, Renn—Marsel: 0–1** (Kolaşinas 57)

### BUNDESLIGA (23) — 21 gol

**Borussiýa D—Leipsig: 2–1** (Roýs 21 p, Jan 39 — Forsberg 74), **Union Berlin—Köln: 0–0, Maýns—Hoffenhaým: 1–0** (Barreýro 33), **Bohum—Şalke: 0–2** (Rimann 45 ö.d., Bülter 79), **Borussiýa M—Fraýburg: 0–0, Augsburg—Werder: 2–1** (Belio 6, Maýer 46 — Stage 16), **Ştutgart—Bawariýa: 1–2** (Perea 88 — De Ligt 39, Şupo-Moting 62), **Baýer—Herta: 4–1** (Azmun 12, Frimpong 21, Diabi 61, Adli 73 — Lukebakio 67 p), **Wolfsburg—Aýntraht: 2–2** (Marmuş 10, Gerhardt 43 — Kolo-Muani 22, Ndika 26)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 26 | 20 | 3 | 3 | 59-25 | 63 |
| 2 | MAN. SITI | 26 | 18 | 4 | 4 | 66-25 | 58 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 25 | 15 | 4 | 6 | 41-35 | 49 |
| 4 | TOTTENHAM | 26 | 14 | 3 | 9 | 46-36 | 45 |
| 5 | LIWERPUL | 25 | 12 | 6 | 7 | 47-28 | 42 |
| 6 | NÝUKASL | 24 | 10 | 11 | 3 | 35-17 | 41 |
| 7 | FULHAM | 26 | 11 | 6 | 9 | 38-34 | 39 |
| 8 | BRAÝTON | 23 | 11 | 5 | 7 | 43-29 | 38 |
| 9 | BRENTFORD | 24 | 9 | 11 | 4 | 40-32 | 38 |
| 10 | ÇELSI | 25 | 9 | 7 | 9 | 24-25 | 34 |
| 11 | ASTON WILLA | 25 | 10 | 4 | 11 | 31-38 | 34 |
| 12 | K. PALAS | 25 | 6 | 9 | 10 | 21-32 | 27 |
| 13 | W. HEMPTON | 26 | 7 | 6 | 13 | 19-35 | 27 |
| 14 | NOTTINGAM | 25 | 6 | 8 | 11 | 20-44 | 26 |
| 15 | LESTER | 25 | 7 | 3 | 15 | 36-43 | 24 |
| 16 | WEST HAM | 25 | 6 | 5 | 14 | 23-33 | 23 |
| 17 | LIDS | 25 | 5 | 7 | 13 | 29-40 | 22 |
| 18 | EWERTON | 26 | 5 | 7 | 14 | 19-38 | 22 |
| 19 | SOUTHEMPTON | 25 | 6 | 3 | 16 | 20-41 | 21 |
| 20 | BORNMUT | 25 | 5 | 6 | 14 | 24-51 | 21 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 27 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 18 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 15 |
| 4 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 14 |
| 5 | Gabriel MARTINELLI (Arsenal) | 11 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 24 | 20 | 2 | 2 | 46-8 | 62 |
| 2 | REAL MADRID | 24 | 16 | 5 | 3 | 47-18 | 53 |
| 3 | ATLETIKO | 24 | 13 | 6 | 5 | 38-19 | 45 |
| 4 | R. SOSIEDAD | 24 | 13 | 5 | 6 | 32-23 | 44 |
| 5 | BETIS | 24 | 12 | 5 | 7 | 32-25 | 41 |
| 6 | WILÝARREAL | 24 | 11 | 4 | 9 | 28-23 | 37 |
| 7 | R. WALLEKANO | 24 | 9 | 8 | 7 | 29-25 | 35 |
| 8 | OSASUNA | 24 | 9 | 7 | 8 | 22-23 | 34 |
| 9 | ATLETIK B | 24 | 9 | 6 | 9 | 33-26 | 33 |
| 10 | MALÝORKA | 24 | 9 | 4 | 11 | 21-25 | 31 |
| 11 | ŽIRONA | 24 | 8 | 6 | 10 | 38-38 | 30 |
| 12 | SELTA | 24 | 7 | 7 | 10 | 26-34 | 28 |
| 13 | ESPANÝOL | 24 | 6 | 9 | 9 | 30-36 | 27 |
| 14 | WALÝADOLID | 24 | 8 | 3 | 13 | 18-34 | 27 |
| 15 | KADIZ | 24 | 6 | 8 | 10 | 18-35 | 26 |
| 16 | HETAFE | 24 | 6 | 7 | 11 | 23-32 | 25 |
| 17 | SEWILÝA | 24 | 6 | 7 | 11 | 27-39 | 25 |
| 18 | ALMERIÝA | 24 | 7 | 4 | 13 | 28-42 | 25 |
| 19 | WALENSIÝA | 24 | 6 | 5 | 13 | 27-28 | 23 |
| 20 | ELÇE | 24 | 2 | 6 | 16 | 18-48 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 15 |
| 2 | HOSELU (Espanýol) | 11 |
| 3 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 11 |
| 4 | Borha IGLESIAS (Betis) | 10 |
| 5 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 10 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 25 | 21 | 2 | 2 | 58-16 | 65 |
| 2 | INTER | 25 | 16 | 2 | 7 | 46-28 | 50 |
| 3 | LASIO | 25 | 14 | 6 | 5 | 41-19 | 48 |
| 4 | ROMA | 25 | 14 | 5 | 6 | 32-21 | 47 |
| 5 | MILAN | 25 | 14 | 5 | 6 | 42-32 | 47 |
| 6 | ATALANTA | 25 | 12 | 6 | 7 | 42-28 | 42 |
| 7 | ÝUWENTUS | 25 | 15 | 5 | 5 | 40-20 | 35 |
| 8 | BOLONÝA | 25 | 10 | 5 | 10 | 31-34 | 35 |
| 9 | TORINO | 25 | 9 | 7 | 9 | 27-29 | 34 |
| 10 | UDINEZE | 25 | 7 | 11 | 7 | 33-30 | 32 |
| 11 | MONZA | 25 | 9 | 5 | 11 | 30-35 | 32 |
| 12 | FIORENTINA | 25 | 8 | 7 | 10 | 29-31 | 31 |
| 13 | SASSUOLO | 25 | 8 | 6 | 11 | 30-37 | 30 |
| 14 | EMPOLI | 25 | 6 | 10 | 9 | 23-33 | 28 |
| 15 | LEÇÇE | 25 | 6 | 9 | 10 | 24-29 | 27 |
| 16 | SALERNITANA | 25 | 6 | 7 | 12 | 28-44 | 25 |
| 17 | SPESIÝA | 25 | 4 | 9 | 12 | 21-41 | 21 |
| 18 | WERONA | 25 | 4 | 6 | 15 | 20-37 | 18 |
| 19 | SAMPDORIÝA | 25 | 2 | 6 | 17 | 11-39 | 12 |
| 20 | KREMONEZE | 25 | 1 | 9 | 15 | 21-46 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 19 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 3 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 12 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 11 |
| 5 | Hwiça KWARASHELIÝA (Napoli) | 10 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 26 | 20 | 3 | 3 | 66-25 | 63 |
| 2 | MARSEL | 26 | 17 | 4 | 5 | 49-25 | 55 |
| 3 | MONAKO | 26 | 15 | 6 | 5 | 55-36 | 51 |
| 4 | LANS | 26 | 14 | 9 | 3 | 40-21 | 51 |
| 5 | RENN | 26 | 14 | 4 | 8 | 45-29 | 46 |
| 6 | LILL | 26 | 13 | 6 | 7 | 46-33 | 45 |
| 7 | NISSA | 26 | 11 | 9 | 6 | 34-22 | 42 |
| 8 | REÝMS | 26 | 9 | 13 | 4 | 34-26 | 40 |
| 9 | LORIÝAN | 26 | 11 | 7 | 8 | 38-36 | 40 |
| 10 | LION | 26 | 11 | 6 | 9 | 39-28 | 39 |
| 11 | KLERMON | 26 | 9 | 7 | 10 | 26-34 | 34 |
| 12 | TULUZA | 26 | 9 | 5 | 12 | 41-46 | 32 |
| 13 | MONPELIE | 26 | 9 | 3 | 14 | 41-46 | 30 |
| 14 | NANT | 26 | 6 | 10 | 10 | 27-34 | 28 |
| 15 | BREST | 26 | 5 | 8 | 13 | 27-42 | 23 |
| 16 | STRASBUR | 26 | 4 | 10 | 12 | 30-44 | 22 |
| 17 | OSER | 26 | 5 | 7 | 14 | 23-49 | 22 |
| 18 | AÝAÇÇO | 26 | 6 | 3 | 17 | 20-47 | 21 |
| 19 | TRUA | 26 | 4 | 8 | 14 | 36-57 | 20 |
| 20 | ANŽE | 26 | 2 | 4 | 20 | 21-58 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 18 |
| 2 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 16 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 16 |
| 4 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 15 |
| 5 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 14 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 23 | 14 | 7 | 2 | 66-22 | 49 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 23 | 16 | 1 | 6 | 47-28 | 49 |
| 3 | UNION BERLIN | 23 | 13 | 5 | 5 | 35-27 | 44 |
| 4 | LEIPSIG | 23 | 12 | 6 | 5 | 46-29 | 42 |
| 5 | FRAÝBURG | 23 | 12 | 6 | 5 | 35-32 | 42 |
| 6 | AÝNTRAHT | 23 | 11 | 6 | 6 | 45-33 | 39 |
| 7 | MAÝNS | 23 | 10 | 5 | 8 | 38-34 | 35 |
| 8 | WOLFSBURG | 23 | 9 | 7 | 7 | 42-31 | 34 |
| 9 | BAÝER | 23 | 9 | 4 | 10 | 40-37 | 31 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 23 | 8 | 6 | 9 | 38-39 | 30 |
| 11 | WERDER | 23 | 9 | 3 | 11 | 35-43 | 30 |
| 12 | KÖLN | 23 | 6 | 9 | 8 | 32-36 | 27 |
| 13 | AUGSBURG | 23 | 8 | 3 | 12 | 28-39 | 27 |
| 14 | HERTA | 23 | 5 | 5 | 13 | 28-44 | 20 |
| 15 | ŞTUTGART | 23 | 4 | 7 | 12 | 28-40 | 19 |
| 16 | HOFFENHAÝM | 23 | 5 | 4 | 14 | 29-42 | 19 |
| 17 | ŞALKE | 23 | 4 | 7 | 12 | 18-42 | 19 |
| 18 | BOHUM | 23 | 6 | 1 | 16 | 24-56 | 19 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 14 |
| 2 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 12 |
| 3 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 12 |
| 4 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 11 |
| 5 | Jamal MUSIALA (Borussiýa D) | 11 |

# «ARSENAL» SOŇKY MINUTDA ÝEŇŞINI BAÝRAM ETDI

Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Arsenal» öz meýdançasynda aşaky orunlarda barýan «Bornmuty» kabul edip, taryhy kembek bilen ýeňiş gazandy. Eýýam



9-njy (9,11) sekuntda Billingiň goly bilen hasaby açan «Bornmut» 57-nji minutda 2–0 öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik Artetanyň şägirtleri 8 minutda hasaby deňläp, 90+8-nji minutda-da Nelsonyň owadan goly bilen 3–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Filipp Billingiň 9-njy sekuntda geçiren goly «Premier Liganyň» iň çalt geçirilen 2-nji goly boldy (1-njisi 7,69 sekuntda bolup, 2018/19 möwsüminde Şeýn Long geçiripdi). Çempion «Mançester Siti» hem öz meýdançasynda «Nýukasly» Foden we Bernardo Silwanyň gollary bilen 2–0 utdy. «Tottenhamyň» myhmançylykda «Wulwerhemptondan» 1–0 utulan tapgyrynda «Çelsi» edil şol hasap bilen «Lidsi» ýeňmegi başardy. Wesli Fofanonyň ýeke-täk goly bilen 3 utuk alan «Çelsi» 5 duşuşykdan soň ilkinji gezek ýeňiş gazandy.

**«Napoli» hem ýeňilýär**

● **Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Napoli» öz meýdançasynda «Lasiodan» 1–0 asgyn geldi. Rimlilere ýeňiş getiren ýeke-



täk goly 67-nji minutda Matias Wesino derwezä girizdi. Şunlukda, «Napoli» topary 8 oýundan soň ýeňlip, olar şu möwsümde 2-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Milanyň» myhmançylykda «Fiorentinadan» 2–1 hasap bilen utulan tapgyrynda «Inter» öz meýdançasynda «Leççeden» 2–0 üstün çykdy. «Roma» bolsa 4 tapgyrdan bäri ýeňiş gazanyp gelýän «Ýuwentusy» Mançininiň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «Serie A»-da bu tapgyrda 3 oýunda hasap açylmady.

**PSŽ-niň iň köp gol geçiren futbolçysy**

● **Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ öz meýdançasynda «Nant» toparyny 4–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Parižlileriň 4-nji goluny derweze girizen Kilian Mbappe PSŽ-däki 201-nji goluny geçirip, toparyň iň netijeli oýunçysy boldy. Ol bu ugurda 200 golly Edinson Kawaniden öňe saýlandy. «Marseliň» myhmançylykda «Renn» toparyny 1–0 ýeňen tapgyrynda «Reýms» topary «Aýaççony» şol hasap bilen utdy. «Reýms» topary çempionatda 18 oýundan bäri ýeňilmän gelýär.



**Ispaniýanyň çempionatynda** «Barselona» öz meýdançasynda «Walensiýany» Rafinýanyň 16-njy minutda geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda «Barselonanyň» goragçysy Ronald Arauho 59-njy minutda gyzyl kart aldy. «La Ligada» şu tapgyrda 4 duşuşykda hasap açylmady. Şolaryň biri-de «Betis»–«Real Madrid» duşuşygy bolup, soňky çempion bassyr 2-nji duşuşygynda ýeňiş gazanyp bilmedi. Paýtagtyň beýleki wekili «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Sewilýany» 6–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Depaý hem-de onuň ornuna oýna giren Morata 2 gol geçirdi.

**Germaniýanyň çempionatynda** utuklary deň bolan «Bawariýa» bilen «Borussiýa Dortmund» arany açyp başlady. Sanawyň lideri «Bawariýa» myhmançylykda «Ştutgarty» De Ligt hem-de Şupo-Motingiň gollary esasynda 2–1 utdy. «Borussiýa Dortmund» bilen «Leipsigiň» arasyndaky oýun hem 2–1 hasabynda tamamlanyp, ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Roýs bilen Jan geçirdi.




**TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY**

**Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!**

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- ***Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;***
- ***Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;***
- ***Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;***
- ***Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.***

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer.

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
**44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.**

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**

# 4 TOPAR ÇÄRÝEK FINALDA

UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň jogap duşuşyklarynyň 4-si oýnalyp, çärýek finala çykan toparlaryň 4-si belli boldy. Geçirilen duşuşyklardan soň «Çelsi», «Benfika», «Milan» hem-de «Bawariýa» klublary atlaryny iň gowy 8 toparyň hataryna ýazdyrmagy başardy. Çärýek finalçylaryň galan 4-si bolsa geljek hepdede oýnaljak oýunlardan soň belli bolar.

**«ÇELSI» ÇÄRÝEK FINALDA**

● Londonda oýnalan duşuşykda «Çelsi» topary Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» klubundan 2–0 üstün çykdy. Çekeleşikli geçen oýunda nemes kluby ilkinji 25 minutda oýna erk etse-de, iňlis klubunyň oýunçylarynyň gollaryna çäre tapyp bilmedi. Duşuşygyň 43-nji minutynda Rahim Sterling londonlylary 1–0 öňe saýlady. Ikinji ýarymyň başlarynda-da «Çelsi» hasaby 2–0-a çykardy. Iňlis klubunyň nemes hüjümçisi Kai Hawerts 51-nji minutda eminiň bellän penalti urgusyny dürs urup bilmedi. Topuň derwezä girmegine sütün rugsat bermedi. Ýöne oýnuň emini bu urgyny VAR-yň görkezmesi boýunça näme sebäpdendigi anyk bilinmese-de, gaýtadan urmaly etdi. Hawerts bolsa bu gezek topy ýene şol tarapa ýalňyşsyz gönükdirmegi başardy. 1-nji oýunda 1–0 ýeňiş gazanan dortmundlylar bolsa galan minutlarda hasaby üýtgedip bilmediler. Şunlukda, «Çelsi» topary 19-njy gezek gatnaşýan ýaryşynda 12-nji sapar çärýek finala çykmagy başardy.







**HEM «BENFIKA», HEM-DE «BAWARIÝA» ÝEŇLIŞSIZ DOWAM EDÝÄR**

● Myhmançylykda ýeňiş gazanyp (2–0), çärýek finalyň bosagasyndan uly ädim äden «Benfika» topary öz meýdançasynda «Klub Brýuggeni» Portugaliýada has hem uly hasap bilen ýeňdi. 5–1 hasabynda ýeňiş gazanan lissabonlylaryň gollaryny Rafa Silwa (38), Gonzalo Ramoş (45+2, 57), Žoao Mario (71 p) hem-de Dawid Neres (77) geçirdi. «Klub Brýuggeniň» adyndanam 87-nji minutda Býorn Meiýer tapawutlandy. Şeýlelikde, «Benfika» topary 17-nji gezek (UEFA Çempionlar Ligasy adyny alanyndan bäri) gatnaşýan ýaryşynda bassyr 2-nji, umumylykda 6-njy gezek çärýek finala çykdy. «Benfika» topary şu möwsümde UEFA Çempionlar Ligasynyň çäginde geçiren 12 duşuşygynda-da ýeňilmezden çärýek finalçy boldy. Topar toparçadan öň 3-nji saýlama tapgyrynda «Midtýullandy» (4–1, 3–1), pleý-off tapgyrynda-da «Dinamo Kiýewi» (2–0, 3–0) ýeňipdi. Toparçada-da «Ýuwentusdyr» (4–3, 2–1) PSŽ (1–1, 1–1) ýaly uly klublardan hem-de «Makkabi Haýfadan» (2–0, 6–1) öňe saýlanan «Benfika» 1/8 finalda-da «Klub Brýuggeni» 2 ýerde hem ýeňlişe sezewar etdi. «Benfika» diňe PSŽ bilen geçiren duşuşyklarynda ýeňiş gazanyp bilmedi.



Soňky ýyllarda ýygy-ýygydan gabatlaşýan «Bawariýa» bilen PSŽ-niň arasyndaky duşuşyklarda ýene-de ýeňiji üýtgemedi. Parižden iň kiçi hasaply ýeňiş bilen dolanan münhenliler öz meýdançasynda 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Bawariýa» ýeňiş getiren gollaryň birinjisini 61-nji minutda ýene-de PSŽ-niň ozalky oýunçysy Şupo-Moting geçirdi (1-nji oýunda Kingsli Koman geçiripdi). Beýlekisini-de 89-njy minutda Serž Gnabri öz adyna ýazdyrdy. Iki gol hem aýagyndaky topy aldyran PSŽ-niň italiýaly ýarymgoragçysy Marko Werrattiniň gödek ýalňyşlygyndan soň derweze girdi. Şunlukda, «Bawariýa» bassyr 4-nji, umumylykda-da 21-nji gezek çärýek finalda oýnar. «Bawariýa» 21-nji gezek çärýek finala çykmak bilen bu ugurda rekordyň eýesidir. Münhenliler şu möwsümde oýnan 8 duşuşygynda-da ýeňiş gazanyp, 21 gol geçirdi we diňe 2 gol geçirtdi. PSŽ bolsa geçen möwsümdäki ýaly ýene-de 1/8 finaldan yzyna gaýtdy. Bassyr 3 möwsümden bäri çärýek finalyň bosagasyndan yzyna gaýdýan Lionel Messi UEFA Çempionlar Ligasynda 150-nji gezek esasy düzümde meýdança çykdy. Ol Kristiano Ronaldo (178) hem-de Iker Kasilýasdan (176) soň bu görkezijä ýeten 3-nji futbolçydyr. Şeýle-de, PSŽ 2015/16 möwsümden bäri ilkinji sapar Çempionlar Ligasynda yzly-yzyna 2 duşuşykda gol geçirip bilmedi.

**11 ÝYLDAN SOŇ ÇÄRÝEK FINALDA**

● Londonda geçirilen başga bir oýunda «Tottenham» bilen «Milan» duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda iki topar hem amatly pursatlardan peýdalanyp bilmedi. Duşuşygyň 77-nji minutynda «Tottenhamdan» Romero 2-nji sarydan gyzyl kart alyp, meýdançadan çykdy. Duşuşykda hasap açylmady we Italiýada 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Milan» 11 ýyldan soň 10-njy gezek çärýek finala adyny ýazdyrdy. Oýnuň soňky minutlarynda «Milanyň» derwezeçisi Harri Keýniň derweze barýan urgusyny sowmagy başardy. Şol pursatyň yzysüre «milanly» Originiň urgusy sütünden yzyna gaýtdy. «Milan» soňky gezek 2012-nji ýylda çärýek finala çykypdy.

**«ÇELSI»** 2–0 «BORUSSIÝA DORTMUND» (0-1)
Sterling 43, Hawerts 53 p
**«BENFIKA»** 5–1 «KLUB BRÝUGGE» (2–0)
Rafa Silwa 38, Ramoş 45+2, 57, Žoao Mario 71 p, Neres 77 — Meiýer 87
**«BAWARIÝA»** 2–0 «PARI SEN-ŽERMEN» (1-0)
Şupo-Moting 61, Gnabri 89
«TOTTENHAM» 0–0 **«MILAN»** (0-1)







## «Reala» 43 ýyldan bäri «Barselonany» ýeňmek başardanok

Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary oýnalyp, 2 duşuşyk hem 1–0 hasabynda tamamlandy. Madridde oýnalan «El Klasikoda» «Barselona» topary «Real Madridi» 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Barselona» ýeňiş getiren ýeke-täk goly 27-nji minutda Eder Militao öz derwezesinden geçirdi. Şunlukda, «Barselona» güýçli garşydaşyny 1–0 hasabynda ýeňip, finala çykmak ugrunda uly mümkinçilige eýe boldy. «Real Madrid» toparyna kubok ýaryşynda «Barselonany» öz meýdançasynda, ýagny «Santiago Bernabeuda» 43 ýyldan bäri ýeňmek başardanok.



«Santiago Bernabeuda» soňky gezek 1970-nji ýylda ýeňen «Real Madrid» şondan bäri oýnan 6 duşuşygynda 3 sapar deňme-deň oýnap, 3 gezek hem utuldy. Şeýle-de, «Real Madrid» şu möwsümde öz meýdançasynda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Duşuşykda meýdança çykan Serhio Buskets «El Klasikolarda» iň köp çykyş eden futbolçy hökmünde hasaba alyndy. 46-njy gezek «El Klasikoda» çykyş eden Buskets bu ugurda Serhio Ramosdan (45) hem-de Lionel Messiden (45) öňe saýlandy.

Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda «Osasuna» öz meýdançasynda «Atletik Bilbaony» 1–0 (Abde Ezzalzuli 47) hasabynda ýeňdi. Jogap oýunlary 4-5-nji aprelde oýnalar.

## Altyn çaýylan telefon sowgat berdi

Argentinaly super ýyldyz Lionel Messi milli ýygyndydaky topardaşlaryna, ýagny Dünýä Kubogyny gazanan ýoldaşlaryna we tälimçilerine özboluşly ýadygärlik sowgat etdi. Ol daşy altyn bilen gaplanan «iPhone 14» telefonlaryny sowgat berdi. «Indesign Gold» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Benžamen Lions super ýyldyzyň 35 sany «iPhone 14» telefonyny sargyt edendigini aýtdy. Ol: — Messi diňe bir super ýyldyz däl. Ol biziň gadyrly we hemişelik müşderimiz. Çempionatdan soň ol biziň bilen habarlaşyp, topardaşlaryna sowgat bermek isleýändigini, ýöne hemişekiler ýaly sagat däl-de, daşyna atlary ýazylgy, altyn çaýylan el telefonlaryndan isleýändigini aýtdy — diýip, gürrüň berdi. Lionel Messiniň 35 telefon üçin 175 müň funt sterling töländigi bellenilýär. Mälim bolşy ýaly, Katar 2022-de Argentinanyň ýygyndysy finalda esasy we goşmaça wagty 3–3 gutaran duşuşykda penaltileriň netijesinde Fransiýanyň ýygyndysyny ýeňip, 36 ýyldan soň 3-nji gezek Dünýä Kubogyny gazanypdy.



## Kakasynyň çykyş eden toparyna geçdi

Braziliýaly ozalky ýyldyz futbolçy Ronaldinionyň ogly hem edil özi ýaly «Barselonada» çykyş eder. Meşhur futbolçynyň ogly Žoao Mendes «Barselona» bilen şertnama baglaşdy. 17 ýaşyndaky futbolçy «Barselonanyň» ýaşlar düzümi «La Masianyň» hataryna goşuldy. Mendes birnäçe günden bäri «Barselonada» türgenleşik geçýärdi. Bu barada «Barselonanyň» prezidenti Laporta: — Kakasy ýaly oýnasa gowy futbolçy bolar. Galanyny-da wagt görkezer — diýip, beýanat berdi.



Žoao Mendes futbolçylyk karýerasyna «Kruzeiroda» başlap, toparyň U17 düzüminde çykyş etdi. Mendes täze toparynda-da ilki-ilkiler ýaşlar düzüminde oýnar. Mendesiň kakasy Ronaldinio «Barselonada» 2003–2008-nji ýyllar aralygynda çykyş edip, ol Çempionlar Ligasynda, «La Ligada» 2 gezek çempionlyk gazanypdy.

## 16 urgynyň 13-si gol boldy

Futbol boýunça Niderlandlaryň 2-nji ligasynda taryhy netije hasaba alyndy. Sanawyň lideri «Zwolle» topary öz meýdançasynda «Den Bosh» toparyndan 13–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda 16 urgy geçiren «Zwolle» toparynyň 13 urgusy gol boldy. Gollaryň 4-sini 27 minutda Apostolos Wellios geçirip (2, 4, 12, 27), Lennart Thaý 3 (46, 62, 74), Tomas Wan den Belt 2 (31, 89) gezek tapawutlandy. Medunýanin (14), Ýunes Taha (20), Tomas Beelen (59) hem-de Deýwi Wan den Berg (90+1) dagy-da 1 gol geçirdi. Duşuşygyň 1-nji ýarymy 7–0 hasabynda tamamlandy. Bu ýeňişden soň 27 oýunda utugyny 60-a ýetiren «Zwolle» liderligini dowam etdirýär.

